TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GOÝ, BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE DURMUŞYMYZYŇ GÜLLERI BOLAN MÄHRIBAN ÇAGALARYMYZYŇ ŞATLYKLY GÜLKÜLERI HEMIŞE BELENTDEN ÝAŇLANYP DURSUN!

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
30-njy maý, 2025. Belgisi 22/1640



# ÝURDUMYZDA SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ GÖRNÜŞI ARTÝAR

*Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan we häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň ykdysady strategiýasynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly milli bank ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Bank ulgamyna sanly tehnologiýalary, öňdebaryjy iş tejribesini we täzeçil usullary ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek we mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli amala aşyrylýar. Bu ulgamyň işiniň döwrüň talaplaryna laýyklykda guralmagy, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny, innowasion ösüşini, onuň ählumumy ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň goşulyşmagyny üpjün etmäge ýardam berýär.*

Häzirki wagtda ýurdumyzda karz edaralary tarapyndan hödürlenilýän döwrebap sanly hyzmatlaryň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «VISA Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly töleg», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin giň mümkinçilikler döredilendir. Bu onlaýn hyzmatlaryň kömegi bilen karzlary resmileşdirmek, bank hasaplaryna gözegçilik etmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, täze bank kartlaryny açmak, pul geçirimlerini amala aşyrmak ýaly amallary ýerine ýetirip bolýar.

### «VISA VIRTUAL» BANK KARTY

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan milli töleg ulgamyny kämilleşdirmegiň çäklerinde hem-de müşderilere onlaýn görnüşde köp amallary geçirmäge amatly mümkinçilik döredýän «VISA Virtual» bank karty işe girizildi.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «Galkynyş» töleg ulgamy işe girizilip, ol internetiň üsti bilen milli hem-de daşary ýurt pullarynda tölegleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem bu ulgamyň üsti bilen fiziki we ýuridik şahslar sanly ulgamda dürli tölegleri geçirmek, karzlary we bank kartlaryny almak üçin ýüzlenmeleri ibermek, pul geçirimlerini amala aşyrmak, öz bank hasaplaryny dolandyrmak we ondaky pul serişdeleriniň hereketine gözegçilik etmek, şeýle hem hasaplary boýunça geçirilen amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçiliklerden peýdalanyp bilýärler.

### «ONLAÝN KABULHANA» HYZMATY

Sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, müşderilerine amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan «Onlaýn kabulhana» hyzmaty işe girizildi. Oňa laýyklykda, raýatlar sanly ulgam arkaly günüň islendik wagtynda bankyň resmi www.tnbk.tm web saýtynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn kabulhana» bölümçesiniň üsti bilen bank tarapyndan berilýän güwänamalary, bank kartlaryny sargyt etmek we gaýtadan çap etmek, şeýle hem karz almak üçin onlaýn görnüşde ýüzlenip bilýärler.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň «Daýhanbank», «Türkmenistan» döwlet täjirçilik hem-de «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banklarynda, degişlilikde, daşary ýurtlarda okaýan talyplaryň okuw we umumyýaşaýyş jaý tölegleriniň hem-de fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi üçin tölegleriniň onlaýn görnüşde tölemäge, şeýle-de «VISA» we «MasterCard» halkara bank kart hasaplaryny internet ulgamynyň üsti bilen özbaşdak doldurmaga mümkinçilik berýän sanly töleg ulgamlary işe girizildi.

### «MENZILARA BANK» HYZMATY

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň «Menzilara bank» hyzmatyna laýyklykda, raýatlar alyş-çalyş amalyny onlaýn görnüşde amala aşyrmak üçin bir gezek banka gelip, tölege degişli resminamalaryň asyl nusgalaryny barladyp, daşary ýurt pulunda goýum hasaplaryny açmaly, şeýle hem ulanyjy döretmek barada ýüz tutmaly. Soňra müşderi bankyň resmi web saýtynyň «Onlaýn töleg geçirmek» bölümine girip, penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşde doldurýar hem-de tölege degişli resminamalaryny ýükleýär. 2025-nji ýylyň ýanwar–aprel aýlarynyň dowamynda 34,8 müňe golaý müşderiniň bu hyzmatdan peýdalanmagy oňa uly isleg bildirilýändigini görkezýär.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň hödürleýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyna laýyklykda, töleg amallaryny onlaýn görnüşde amala aşyrmak mümkindir. Munuň üçin müşderi bir gezek banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalar ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi www.tnbk.tm web saýtynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen raýatlar hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler. 2025-nji ýylyň ýanwar–aprel aýlarynyň dowamynda bu hyzmata «VISA» we «MasterCard» halkara bank kart hasaplaryna pul serişdelerini geçirmek üçin 1,5 müňden gowrak müşderiniň birikmegi bu hyzmatyň türkmenistanlylaryň arasynda meşhurlygynyň artýandygyny subut edýär.

### «SANLY TÖLEG» YKJAM GOŞUNDYSY

Ykjam aragatnaşyk ulgamynyň ösüşindäki özgerişlikler döwrebap bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmegiň esasy şertidir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň karz edaralary ykjam telefonlar üçin nagt däl tölegleri, şol sanda galtaşyksyz tölegi amala aşyrmak üçin degişli ykjam goşundylary işläp düzýärler. ■ 2

## Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda hyzmatdaşlyk

*27-nji maýda Türkmenistanyň daşary syýasat edarasynyň binasynda Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2021–2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça Ýolbaşçy komitetiň utgaşykly görnüşdäki mejlisi geçirildi.*

Mejlise Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýolbaşçy düzümi we işgärleri, ýurdumyzyň birnäçe ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy, BMG-niň düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

Şu gezekki duşuşygyň gün tertibine häzirki wagtda hereket edýän Çarçuwaly maksatnamanyň ýerine ýetirilişine syn bermek, 2026–2030-njy ýyllar üçin Çarçuwaly maksatnamanyň indiki tapgyryna garamak, şeýle hem 2026–2030-njy ýyllar üçin BMGÖM-niň, ÝUNISEF-iň hem-de UNFPA-nyň Ýurt boýunça maksatnamalaryny tassyklamak ýaly meseleler girizildi.

Mejlisde Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda ýola goýlan köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýokary derejesi bellenildi, diňe umumy



tagallalar arkaly durnukly ösüşi üpjün etmek işinde häzirki döwrüň talaplaryna hem-de hyzmatdaşlygyň uzakmöhletleýin bähbitlerine kybap gelýän oňat netijelere ýetmegiň mümkindigine ynam bildirildi. Şunuň bilen baglylykda, orta we uzak möhletleýin meýilnamalaryň hem-de maksatnamalaryň binýadynda bilelikdäki ulgamlaýyn işiň ähmiýeti aýratyn nygtaldy.

## ILDEŞLERIMIZ HAJ PARZYNY BERJAÝ EDERLER

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Hajy Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyz ýokary depginlerde ösýär, özgerýär, halkymyz asuda, parahat, abadan we bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Ata-babalarymyzdan miras galan milli gymmatlyklarymyza, özboluşly däp-dessurlarymyza we dini ynançygtykatlarymyza uly sarpa goýulýar hem-de olary berjaý etmäge ähli mümkinçilikler döredilýär.*

Hormatly Prezidentimiziň ýakyndan hemaýat we ýardam bermegi bilen ildeşlerimiz her ýylda mukaddes Mekge we Medine şäherlerine haj parzlaryny berjaý etmekleri üçin zyýarata iberilýär. Şu ýyl haj möwsüminde ýurdumyz boýunça jemi 2844 adamy, şol sanda döwlet tarapyndan 289 hem-de raýatlaryň öz serişdeleriniň hasabyna 2555 ildeşimizi haj parzyny berjaý etmek üçin Saud Arabystany Patyşalygyna ibermek bellenildi. Türkmen zyýaratçylary 8 topara bölünip, kesgitlenen tertipnama boýunça yslam dünýäsiniň iň mukaddes saýylýan ýerlerine zyýarat ederler. Munuň özi ildeşlerimiziň dini parzlary berjaý etmegi üçin döwletimiz tarapyndan zerur şertleriň döredilýändiginiň subutnamasydyr.



Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň «Imanym ýoldaş bolsa, barsam Käbäni görsem» diýip belleýşi ýaly, her bir musulmanyň arzuw edýän amallarynyň biri hem Allatagalanyň Ýer ýüzündäki öýi hasaplanýan mukaddes Käbä zyýarat etmekdir. ■ 2



## Parahatçylyk – abadançylygyň binýady

**Ýurdumyzda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi döwletimiziň umumadamzat ähmiýetli asylly ýörelgeleriniň, maksadynyň, tagallalarynyň ählumumy parahatçylyga, parahatlyk arkaly täze ösüşlere gönükdirilendigini görkezýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarynyň mazmunynda parahatçylyk we ynanyşmak, agzybirlik, bitewülik ýaly düşünjeler bardyr.** ■ 3

## Güneşli Diýarymyzyň bagtyýar çagalary



Her bir ynsanyň ömür örki, durmuşynyň mazmuny we döwletli öýüniň, töreüniň gelşigi bagtyýar çagalar bilen berk baglanyşykly bolsa gerek. Bu tutuş adamzat babatda hem şeýledir. Her bir döwletiň ykdysady, ýaşaýyş-durmuş taýdan ösüş derejesine baha berlende hem, ýurduň çagalarynyň hal-ýagdaýyndan, olar üçin döredilen ýaşaýyş-durmuş şertlerinden we jemgyýetçilik mümkinçiliklerinden ugur alynýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýaş nesil aýratyn üns-alada bilen gurşalýar. Çagalaryň bagtyýarlygy ýurt abadançylygynyň, parahatçylygyň we halkymyzyň bolelin durmuşynyň aýdyň mysaly bolmak bilen, döwlet syýasatynyň ileri tutulýan esasy ugry hökmünde kesgitlenilýär. ■ 3



## Bütindünýä welosiped gününiň ähmiýeti

**Eziz Diýarymyzda il saglygy ýurduň iň uly baýlygy hasaplanýar. Şonuň üçin ýurdumyzda raýatlaryň saglygyny goramak, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgesini berkitmek, häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelýän ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny kepillendirýän milli saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek ýaly möhüm wezipeleriň çözülmegine döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär.**

**Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda toplumlaýyn işler durmuşa geçirilýär we kabul edilen giň gerimli döwlet maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar. Bu bolsa halkymyzyň saglygy barada döwletimiziň edýän aladasyndan nyşandyr.** ■ 3



### ASEAN-yň sammiti geçirildi

26-njy maýda Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň assosiasiýasynyň (ASEAN) 46-njy sammiti geçirildi. Gün tertibinde sebitara integrasiýany güýçlendirmek hem-de ykdysady çökgünlige garşy durmak ýaly meselelere garaldy. 4



### Dünýäniň iň uly TARYHY MUZEÝI

Giza piramidalarynyň ýanynda gurlan Uly Müsür muzeýi 3-nji iýulda resmi taýdan açylar. Tutýan meýdany 500 müň inedördül metre barabar bolan bu toplum Müsür siwilizasiýasyna degişli gymmatlyklaryň jemlenen ýeridir. 5



### 78-nji KANN FILM festiwaly tamamlandy

Dünýäniň iň abraýly film festiwallarynyň hatarynda görkezilýän Kann kino şüweleňi tamamlandy. Fransiýaly aktrisa Žuliett Binoşyň ýolbaşçylyk eden eminler topary baş baýraga – «Altyn palma» (Palme d’Or) baýragyna eýranly režissýor Jafar Panahiniň «Ýönekeý bir tötänlik» filmini laýyk gördi. 6



### UEFA-nyň 5 ýaryşynda ýeňiş gazanan ilkinji topar – «ÇELSI»

UEFA-nyň 3-nji derejeli klub ýaryşy, täze bäsleşigi bolan Konferensiýa Ligasynda garaşylyşy ýaly «Çelsi» topary çempionlyk gazandy. Londonlylar finalda Ispaniýanyň «Betis» toparyny 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 8

## Öz rekordyny täzeledi

◢ Nepally Kami Rita dünýäniň iň beýik nokadyna 31-nji gezek çykyp, öz rekordyny täzeledi. Rita geçen ýyl rekord goýmak aladasynyň ýokdugyny, diňe işini edýändigini aýdypdy. 55 ýaşly Rita Ewerest dagynyň eteklerinde



ýaşaýan şerpa halkynyň wekili. Onuň bu gezekki daga çykmagyna «Ýedi depe ýörişleri» atly kompaniýa goldaw berdi. Kompaniýa Ritanyň diňe daga dyrmaşyjy milli gahryman däl, eýsem, bu dagyň dünýä belli simwoly bolandygyna hem ünsi çekdi. Rita ilkinji gezek 1994-nji ýylda daga çykypdyr. Ol şondan soň her ýyl diýen ýaly Ewereste çykasy gelýänlere ýolbeletlik edip, şolar bilen bilelikde daga çykýar.

**Nowruz MYRATDURDYÝEW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň mugallymy.*

## Syýahatçylyk pudagy ösýär

◢ Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň maglumatyna görä, halkara syýahatçylaryň sany ýylyň birinji çärýeginde 300 milliondan geçip, pandemiýadan ozalky döwürden öňe geçdi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründen 5% (14 million) köp. Şeýle hem bu görkeziji pandemiýadan ozalky döwürdäkiden 3% ýokary. Syýahatçylaryň hereketiniň we



bu pudakdaky girdejileriň artmagy pudagyň ösýändigini görkezýär. Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň Baş sekretary Zurab Pololikaşwili dünýäniň her bir sebitinde syýahatçylygyň esasy hyzmat sektory hökmünde öňe saýlanýandygyny we millionlarça iş ornuny döredýändigini belledi. Şu ýylyň birinji çärýeginde Ýewropa 125 million daşary ýurtly syýahatçy barypdyr. Şeýlelikde, ösüş geçen ýyldakydan 2% ýokary bolupdyr. Bu görkeziji Afrikada 9%, Aziýa we Ýuwaş ummany sebitinde 12%, Ýakyn Gündogarda 1% bolupdyr.

**Uzukjemal GARAGULYÝEWA,**
*Aşgabadyň dokma toplumynyň ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy.*

## Robotlaryň boks tutluşygy

◢ Hytaýyň Çžeszýan şäherinde Bütindünýä robot tutluşygy geçirildi. Hytaý media topary (CMG) tarapyndan guralan täsin çäre robotlaryň arasynda geçirilen dünýäniň ilkinji tutluşygy hasaplanýar. Ýokary ukyby bilen tapawutlanýan robotlaryň birnäçesiniň gatnaşan bu «sport» çäresi göni ýaýlym arkaly görkezildi. Emeli aň tehnologiýasy



bilen üpjün edilen robotlar adam tarapyndan uzakdan dolandyryldy. Adaty boksda bolşy ýaly, emin agzasy ýykylan robotyň turmagy üçin san sanady. Robotlaryň çalasynlyk bilen ýerinden galmagy bu tehnologiýanyň näderejede ösendigini görkezýär. Awtomatlaşdyrylan tehnologiýalaryň dürli ugurlarda ornaşdyrylmagy fiziki zähmeti talap edýän işleri ýeňilleşdirýär. Ösýän tehnologiýa has köp ugurda şeýle maşynlary ulanmaga mümkinçilik berýär.

**Aknabat ÖWEZOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## 20 müň ýyllyk gurallar

◢ Ispaniýada kitiň süňklerinden ýasalan 20 müň ýyl bilen senelenýän gurallar tapyldy. Täze açyş adamlaryň irki döwürlerde deňiz jandarlary bilen galtaşygy barada maglumat berýär. Ylmy işi Barselona awtonom uniwersi-



tetiniň daşky gurşaw we tehnologiýa institutynyň, Fransuz milli ylmy barlaglar merkeziniň (CNRS) we Britan Kolumbiýa uniwersitetiniň alymlary alyp bardy. Gözlegleriň netijesinde Ispaniýanyň Biskaý aýlagynyň kenarlaryndan 83 we Bask sebitiniň Santa Katalina gowagyndan 90 gural tapyldy. Geçirilen barlaglarda gurallaryň kitleriň 5 görnüşine degişlidigi anyklandy. Ylmy barlagyň netijeleri «Nature Communications» žurnalynda neşir edildi.

**Aýnur ANNAGURDOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Açyk deňizdäki ilkinji gibrid beket

◢ Niderlandlar Demirgazyk deňzindäki «Hollandse Kust Noord» ýatagynda täzelenýän energiýa babatda has iri taslamany durmuşa geçirer. Kenardan 22 kilometr uzaklykda gurulýan beketde ýel we Gün panelleri



utgaşykly işläp, arassa energiýa öndürer. Taslamanyň çäklerinde ýel beketleriniň ýanynda Gün panelleri hem oturdylar. Bu bolsa islendik howa şertinde üznüksiz energiýany öndürmäge mümkinçilik berer. Deňiz şertlerine çydamly edilip guruljak Gün panelleri «Oceans of Energy» kompaniýasy tarapyndan işlenip taýýarlanýar. Kompaniýa mundan ozal deňizde Gün panellerini oturdyp, bu ugurda tejribe toplady. Bilermenler geljekde şeýle desgalaryň sanynyň artjakdygyny belleýärler.

**Myratnazar REJEPMYRADOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Ýuwaş ummany kiçelýär

◢ Alymlaryň çaklamalaryna görä, Ýer ýüzüniň iň çuň we uly ummany bolan Ýuwaş ummany kiçelýär. Awstraliýanyň Kurtin uniwersiteti bilen Hytaýyň Pekin uniwersitetiniň alymlarynyň geçiren barlaglarynda Ýeriň tektoniki plitalary birleşip, planetanyň geografiýasyny üýtgedýär. Geçirilen simulýasiýalarda geljek 200-300 million ýylyň dowamynda Ýuwaş ummany



ýapylyp, täze has uly materik emele geler. Bu bolsa, planetanyň gury ýer böleginiň uly böleginden bir yklymyň emele geljekdigini görkezýär. Alymlaryň bellemegine görä, planetamyzyň ýüzündäki gury ýer bölekleri uzak ýyllaryň dowamynda birigip ýa-da aýrylyp bilýär. Mundan millionlarça ýyl ozal uly bölegi günorta ýarym şarda ýerleşýän bir sany materik bolupdyr. Alymlar täze emele geljek yklyma Amerika we Aziýa sözlerinden emele gelen «Amaziýa» diýip at berdiler.

**Yslam HALDURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# ÝURDUMYZDA SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ GÖRNÜŞI ARTÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hyzmatlaryň hatarynda Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň «Sanly töleg» ykjam goşundysyny görkezmek bolar. Onuň kömegi bilen müşderiler bankyň resmi www.halkbank.gov.tm web saýtyndan halkara bank kart hasaplaryny banka barmazdan ygtybarly we aňsatlyk bilen aýma-aý doldurup bilýärler. Geçirilen amallar baradaky maglumat hyzmaty ulanyjy raýatlaryň ykjam telefonlaryna SMS habary görnüşinde iberilýär. Bank hyzmatynyň bu görnüşi nagt däl tölegleriň gerimini giňeltmäge we töleg-hasaplaşyk amallarynyň netijeliligini üpjün etmäge gönükdirilendir. Şu ýylyň ýanwar—aprel aýlarynyň dowamynda bankyň «Sanly töleg» ykjam goşundysyna 6,7 müňe golaý müşderi birikdirilip, olaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna pul serişdeleri geçirildi.

**«SANLY KARZ» ULGAMY**

Raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Ykjam goşundyny ykjam telefonlara ýüklemek arkaly bankyň web saýtyndan onlaýn görnüşde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmak, onuň ýagdaýy bilen tanyşmak, karz taryhyny özbaşdak barlamak, zerur resminamalary elektron görnüşde ibermek, alyp boljak karzyň möçberini awtomatik görnüşde kesgitlemek mümkindir.

2025-nji ýylyň ýanwar—aprel aýlarynyň dowamynda «Sanly karz» ykjam goşundysynyň üsti bilen 1,2 müňe golaý müşderiniň ýüz tutup, jemi 33877,7 müň manat möçberinde karz serişdeleriniň resmileşdirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan döwrebap we ygtybarly tehnologiýalaryň esasynda işlenip düzülen «Halkbank terminal» ykjam programma üpjünçiligi hem işe girizildi. Bölek söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň işgärleri ony adaty töleg terminalynyň ornuna ulanyp bilýärler.

2025-nji ýylyň ýanwar—aprel aýlarynyň dowamynda «Halkbank terminal» hyzmatynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberiniň 75,3 million manada deň bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 2,94 esse artandygyny bellemek gerek.

**«SENAGAT TÖLEG» YKJAM PROGRAMMA**

Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan hödürlenilýän «Senagat töleg» ykjam programma üpjünçiligi arkaly «Altyn Asyr» ÝGPJ-niň TMCELL öýjükli aragatnaşyk telefon hyzmatynyň, AŞTU-nyň (Aşgabat şäher telefon ulgamy) CDMA öýjükli aragatnaşyk telefon, internet, IP TV, öý telefony hyzmatlarynyň, «Türkmentelekom» elektron aragatnaşyk kompaniýasynyň internet hyzmatynyň, «Belet film» hyzmatynyň, «Älem-TV plastik kartlary» hyzmatynyň töleglerini, şeýle hem Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň jerime töleglerini islendik ýerde we günüň islendik wagtynda tölemek mümkindir.

Mundan başga-da, bu hyzmatyň işe girizilmegi bilen ýurdumyzyň raýatlary ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge öz goşantlaryny goşmak üçin haýyr-sahawat geçirimlerini banka geçirip bilýärler. «Senagat töleg» ykjam goşundysynda raýatlara nagt däl görnüşde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna pul serişdelerini geçirmäge mümkinçilik döredildi.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen, banklaryň işini kämilleşdirmek, şol sanda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» ýaly onlaýn bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri gönükdirilýär. Olaryň kömegi bilen bank amallarynyň we hyzmatlarynyň netijeliligini artdyrmak üçin giň mümkinçilikler açylýar.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Şu ýylyň ýanwar—aprel aýlarynyň dowamynda bu görkeziji, degişlilikde, 1721,7 müň we 12 189,8 müň manada ýetdi, bu bolsa hyzmatlaryň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýan müşderileriň sanynyň yzygiderli artýandygyny görkezýär. Şu ýylyň ýanwar—aprel aýlarynyň dowamynda bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 6773,9 million manada ýetdi, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 35 göterim ýokarlandy.

# NEBITGAZ PUDAGYNDA IRI TASLAMALAR AMALA AŞYRYLÝAR

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ähli ugurlarda ösdürmekde iri taslamalar amala aşyrylýar, ýokary depginli ösüşler gazanylýar. Tebigy gazyň öndürilişini artdyrmak, sarp edijileri üpjün etmek işinde «Türkmengaz» döwlet konserniniň işgärleri tutanýerli zähmet çekýärler. Munuň şeýledigine olaryň şu ýylyň geçen dört aýynda gazanan önümçilik görkezijilerine nazar aýlanyňda hem doly göz ýetirmek bolýar.



Mälim bolşy ýaly, 14-nji maýda paýtagtymyzda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň ýolbaşçylarynyň, nebitgaz pudagynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda Birleşen Arap Emirlikleriniň bu ugra degişli pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de Malaýziýanyň PETRONAS kompaniýasynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri bilen halkara derejeli duşuşyk boldy. Halkara duşuşykda «Türkmennebit» döwlet konserni bilen Malaýziýanyň «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasynyň hem-de BAE-niň «ADNOC Türkmenistan RSC Limited» kompaniýasynyň arasynda Şertnama, şeýle-de «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Malaýziýanyň «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasynyň we BAE-niň «ADNOC Türkmenistan RSC Limited» kompaniýasynyň arasynda Şertnama gol çekildi.

Häzirki wagtda mawy ýangyjyň baý gorlaryny özünde jemleýän sebitde iň iri «Galkynyş» gaz käniniň tapgyrlaýyn özleşdirilmegi dowam edýär. Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň dördünji şahasynyň gurluşygy alnyp barylýar. 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda Mary welaýatynda TOPH transmilli gaz geçirijisiniň wajyp tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşyk işlerine badalga berildi we «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasynyň düýbi tutuldy. Munuň özi sebitde howpsuzlygyň berkidilmegine, goňşy döwletleriň we sebitiň ýurtlarynyň abadançylygynyň üpjün edilmegine, durnukly ykdysady gurşawyň döredilmegine ýardam bermäge gönükdirilen iri taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde möhüm ädimdir.

**Leýla ÝEGELEKOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# BÄSLEŞIGIŇ WELAÝAT TAPGYRLARY GEÇIRILER

Türkmeniň bagşyçylyk sungaty gadymyýetden gözbaş alyp gaýdýan milli sungatdyr. Bu sungatyň inçe tilsimlerini öwrenmek, bagşy diýen abraýly adyň eýesi bolmak üçin birnäçe ýyl halypalary diňläpdirler. Öz şägirdiniň ussat bagşy bolup ýetişendigine göz ýetiren halypalar olara ak pata beripdirler. Halypa bagşylar şägirtlerine toý-tomaşaly ýerlerde dutar sowgat edipdirler.



Dutaryň şirin owazy barada gürrüň edilende, milli bagşyçylyk sungatynda öçmejek yz galdyryp giden meşhur, ägirt ussatlaryň keşpleri göz öňüňde janlanýar. Bagşyçylyk sungatynda täze öwüşginli ýerine ýetirijilik usulyny kämilleşdirmekde öz ukyplaryny, zehinlerini, zähmetini gaýgyrmadyk bu ussatlar halkyň aňynda ebedi ýaşaýarlar.

Türkmen halk aýdymlary, milli saz sungaty halkymyza mahsus özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Dutarda ýerine ýetirilýän türkmen halk aýdymlary, ilki bilen, adamzat duýgularynyň içki dünýäsiniň çuňlugyny beýan edýär.

Dutaryň hoş owazlarynyň belentden ýaňlanmagy hem-de bu ugurda ýaş dutarçylary höweslendirmek maksady bilen, her ýyl dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda «Çalsana, bagşy!» atly bäsleşik geçirilýär. Şu ýylyň iýun aýynda bu bäsleşigiň Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlary boýunça jemleýji tapgyrlaryny geçirmek göz öňünde tutulýar.

**Amangül JUMADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARYNDA MEDENI DIPLOMATIÝANYŇ ORNY ARTÝAR

Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet ýylynyň dabaralary geçirildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bolsa, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasynda Medeniýet ýyly bellenilip, 6-njy iýunda bu çäreleriň ýapylyş dabarasy geçiriler.



Ynsanperwer ulgamdaky türkmen-hytaý hyzmatdaşlygy köpasyrlyk tejribä, baý däp-dessurlara eýe bolup, milletiň ösüşindäki ruhy gymmatlyklaryň ähmiýetine çuňňur düşünilmegine esaslanýar. Türkmenistanda we Hytaýda geçirilýän halkara festiwallara, ylmy maslahatlara, sergilere iki ýurduň döredijilik, medeniýet, sungat işgärleriniň gatnaşmagy işjeň hyzmatdaşlygyň aýdyň mysalydyr.

Türkmenistan we Hytaý Halk Respublikasy oňyn syýasy-diplomatik gatnaşyklary ösdürmek bilen, söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, medeni-ynsanperwer ugurlarynda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Bu ugurlarda bar bolan kuwwatlyklary hasaba almak bilen, umumy tagallalaryň birleşdirilmegi has netijeli hasap edilýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklar uzak taryha eýedir. Medeniýet we syýahatçylyk pudagynda hyzmatdaşlygyň ägirt uly orny bardyr. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Medeniýet ýylynyň üstünlikli tamamlanan maksatnamasy döwletara hyzmatdaşlygyň we halklarymyzyň dostlukly gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagynda medeni diplomatiýanyň eýeleýän ornunyň barha artýandygyny görkezdi.

**Saparmyrat GELDIMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Emeli aň girdejisini artdyrýar

Çip önümçiligi bilen meşgullanýan «Nvidia» kompaniýasynyň girdejisi şu ýylyň birinji çärýeginde 69% artyp, 44,1 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Kompaniýa geçen ýylyň degişli döwründe 26 milliard dollar töweregi girdeji gazanypdyr. Agzalýan döwürde kompaniýanyň arassa peýdasy 26% ýokarlanyp, 18,8 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründe 14,9 milliard amerikan dollary bolupdyr. Kompaniýanyň her paýnamadan alan peýdasy bolsa 60 sentden 76 sente çykypdyr. Kompaniýanyň girdejisiniň artmagynda emeli aň tehnologiýasyna bolan islegiň ýokarlanmagynyň gönüden-göni täsiri bar. «Nvidia» emeli aň üçin gerek bolan ýokary tehnologiýa talap edýän çipleri öndürýär.




**Gurban BEGALYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# ILDEŞLERIMIZ HAJ PARZYNY BERJAÝ EDERLER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Haj parzy Gurban baýramynyň bellenilýän günlerinde berjaý edilýär. Türkmen zyýaratçylary musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň dowam edýän günlerinde Mekgede we Medinede haj parzyny ýerine ýetirerler. Bu mukaddes günlerde ildeşlerimiziň haj parzyny berjaý etmekleri üçin Saud Arabystany Patyşalygyna iberilmegi, şeýle hem haj zyýaratyna gitjek ildeşlerimiziň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentligi tarapyndan ýörite gatnaw arkaly Saud Arabystany Patyşalygyna eltilip-getirilmeginiň üpjün edilmegi Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir» diýen baş şygarynyň durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsidir.



Saud Arabystany Patyşalygyna zyýarata gidýän toparlaryň agzalary haj parzyny ýerine ýetirmek üçin döwlet tarapyndan edilýän aladalar we şertler üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirýärler. Halkymyza şeýle eşretli zamanada ýaşamak üçin ähli şertleri döredip berýän Gahryman Hajy Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Hajy Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, mertebeleri belent, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun! Ildeşlerimiziň mukaddes ýerlerde amal etjek tagat-ybadatlaryny, okajak doga-dileglerini Gudraty Güýçli Allatagala kabul etsin!

**Maksatmyrat RUSTAMGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

# TÜRKMENISTAN–TÜRKIÝE: ÝOKARY BILIM BABATDA HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

Mälim bolşy ýaly, ylym, bilim ähli ösüşleriň gözbaşy bolup durýar. Şonuň üçin hem kämil hünärmenleri kemala getirmek, bilimli ýaşlar üçin giň mümkinçilikleri döretmek esasy ugurlaryň biridir. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ylym-bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän işler her bir bilim işgärini, halkymyzy diýseň buýsandyrýar. Häzirki ajaýyp döwrümizde orta we ýörite orta mekdeplerde, ýokary okuw mekdeplerinde döwrebap mümkinçilikler döredilendir. Şundan ugur alnyp okatmagyň iň döwrebap usullary işjeň ösdürilýär, bilim bermegiň döwrebap usullary durmuşa geçirilýär. Şeýle-de, bu ugurlarda daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlyk giňden ýola goýulýar.

Ýakynda Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasynyň müdiriýetiniň başlygy Erol Özwaryň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet iş sapary bilen Aşgabatda boldy. Wekiliýetiň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa hem-de Türkmenistanyň bilim ministri J.Gurbangeldiýew bilen duşuşygy geçirildi.

Taraplar 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda gol çekilen «Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasynyň müdiriýetiniň arasynda ýokary okuw bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama» esasynda bilelikde durmuşa geçiriljek çärelere garadylar. Iki ýurduň ýokary hünär bilimi edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmek, geljekki hereketleri meýilleşdirmek hem-de 2025-2026-njy ýyllar üçin Ýol kartasyny düzmek teklip edildi. Duşuşygyň dowamynda Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasynyň müdiriýetiniň başlygy Erol Özwar tarapyndan hyzmatdaşlygy giňeltmegiň meseleleri bilen bagly birnäçe teklipler türkmen tarapyna hödürlenildi. Olaryň hatarynda Türkmenistanda Türkiýe Respublikasynyň ýokary okuw mekdepleriniň şahamçalaryny we bilelikdäki bilim maksatnamalaryny açmak babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnamany taýýarlamak; türkmen ýaşlarynyň bilim almagy üçin Türkiýe Respublikasynyň ýokary okuw mekdeplerinde talyp ýerleriniň bölünip berilmegi; Türkiýe Respublikasynyň ýokary okuw mekdepleriniň sanly bilim hem-de «emeli intellekt» tehnologiýalary boýunça gazanan üstünliklerini öwrenmek we tejribe alyşmak; Türkiýe Respublikasynyň bilim edaralary bilen iki ýurduň edebiýatyna, taryhyna, medeniýetine, Türkmenistanyň hem-de Türkiýe Respublikasynyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşyna dahylly bilelikdäki ylmy-barlaglary alyp barmak ýaly teklipleri görkezmek bolar. Umuman taraplar ýokary hünär bilimi boýunça türkmen-türk hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmegi maksat edinýändiklerini, bu babatda iki tarap üçin hem özara bähbitli ugurlar boýunça pikir alyşmalary geçirmäge doly taýýardyklaryny bellediler.

**Miwe ÇARYÝEWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

# DOKMA SENAGATY ÖSÜŞ ÝOLUNDA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda milli ykdysadyýetimiziň iň bir ýokary depginde ösýän ugurlarynyň biri bolan ýurdumyzyň dokma pudagynyň diňe bir içerki bazarda däl, eýsem, halkara bazarlarynda hem bäsdeşlige ukyplylygy yzygiderli ýokarlanýar. Döwletimiziň hemmetaraplaýyn goldamagy netijesinde dokma pudagy iň çalt ösýän pudaga öwrüldi. Häzirki wagtda ençeme dokma kärhanalary hereket edip, olar iri dokma toplumlary, pagta egriji we dokma öndürijiler, tikinçilik fabrikleri, ýüpegi gaýtadan işleýän kärhanalar, aýakgap fabrikleri, ýüňi we derini ilkinji gezek işleýän zawodlardan ybaratdyr.




Dokma senagatynda gazanylan üstünlikler halkara sergilerinde we ýarmarkalarynda giňden dünýä jemgyýetçiligine görkezilýär. Şeýle iri göwrümli çäreler biziň döwletimizde hem geçirilýär. Şu ýylyň 11 – 13-nji iýuny aralygynda «Turkmentextile Expo – 2025» atly halkara sergi-ýarmarkasy guralar. Halkara sergi-ýarmarka dokma senagaty kärhanalarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň bu ugurda iş alyp barýan agzalarynyň, daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagy göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen bir hatarda, ýerli we daşary ýurt dizaýnerleriniň lybaslarynyň görkezilişini guramak, Merkezi Aziýanyň gadymy dokma usullary, häzirki zaman tehnologiýalaryna bagyşlanan ussatlyk sapaklaryny geçirmek meýilleşdirilýär.

Dokma pudagy dünýäniň köp sanly ýurdunyň möhüm senagat düzümleriniň biridir. Dokma senagaty dünýä ykdysadyýetiniň hereketlendiriji güýjüdir. Bu ýurtlar taýýar egin-eşiklerden başlap kaşaň dokma önümlerine çenli dürli pudaklarda öňdebaryjy orny eýeleýärler we pagta öndürmekde hem-de eksport etmekde öňdäki hatarda durýarlar. Bu ugurda Hytaýyň dokma senagaty öňdeligi eýeleýär. Hytaý diňe pagta çig malyndan däl, eýsem, poliester we wiskoz ýaly sintetiki süýümleriň önümçiliginde hem öňdäki orny eýeleýär. Ikinji orundaky Bangladeş taýýar egin-eşik önümçiliginde öňdebaryjy bolup, «H&M», «Zara» we «Primark» ýaly moda markalarynyň halkara merkezine öwrüldi. Pagta öndürmekde çäkli mümkinçiliklerine garamazdan, Bangladeş çig maly daşary ýurtlardan getirip, ýokary hilli we elýeterli egin-eşikleri öndürýär we günbatar bazarlaryna hödürleýär. Üçünji orunda Wýetnam bolup, dokma pudagyndaky çalt ösüşi, erkin söwda şertnamalary we ýokary baha goşulan egin-eşik öndürmekdäki abraýy bilen tanalýar. Bu ýurt dünýä brendleriniň esasy üpjün edijisi bolup, esasan, sport egin-eşikleri bilen tanalýar. Dördünji orunda Hindistan bolup, pagta eksporty her ýyl 1,9 million tonnadan gowrakdyr. Bäşinji orunda barýan Germaniýanyň dokma senagaty ýokary tehnologiýaly çözgütleri bilen tanalýar. Bu pudak awtoulag, aerokosmos we saglygy goraýyş ýaly ulgamlarda ulanylýan ýokary öndürijilikli matalar bilen tapawutlanýar.

Maglumatlara görä, dünýäniň dokma senagatynyň bahasy, takmynan, 1 trillion dollara barabar bolup, bu mukdar 2027-nji ýyla çenli 1,5 trillion dollara ýetjekdigi çaklanylýar. Bu bolsa dünýä derejesinde dokma önümleriniň uly bazarynyň bardygyny görkezýär. Dokma senagaty dünýäde üznüksiz ösmegini dowam etdirýär.

**Aýjemal ALAŞAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# PILEÇILIKDE ÝOKARY GÖRKEZIJILER GAZANYLÝAR

Ýurdumyzda oba hojaly pudagynyň ösdürilmegine uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän özgertmeler oba hojalygynyň ähli ugurlarynda ýokary netijeleri üpjün edýär. Şol ugurlaryň biri hem halkymyzyň gadymy we milli ýörelgelerine daýanýan pileçilikdir.

Şu günler ýurdumyzyň welaýatlarynda pile hasylyny ýygnamak işleri gyzgalaňly dowam edýär. Pileçilik bilen meşgullanýan daýhan hojalyklary her ýylyň ýaz paslynda päk zähmetiň miwesini almak ugrunda ýokary görkezijiler gazanýarlar.

Şeýle ýokary görkezijiler ýurdumyzyň sebitlerinde alnyp barylýan pileçilik işleriniň netijesinde gazanylýar. Bu bolsa ýurdumyzda oba hojalyk önümçiliginiň toplumlaýyn ösdürilýändigini, döwlet tarapyndan berilýän goldawlardan ýerlikli peýdalanylýandygyny görkezýär.

Pileçilik diňe bir ykdysady ähmiýetli ugur bolman, eýsem, ekologiýa taýdan arassa önümçiligiň nusgasydyr. Türkmen halkynyň gadymy senetleriniň biri bolan ýüpekçilik öz gözbaşyny taryhyň irki döwürlerinden alyp gaýdýar. Ata-babalarymyz müňlerçe ýyl mundan ozal ýüpek süýümlerinden dürli matalary öndürmek üçin pile önümçiligini ýola goýupdyrlar, bu ugurda ýokary ussatlyga we kämillige ýetipdirler. Ýüpekçilik işiniň milli däpleri asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilip, nesilden-nesle geçirilipdir.

**Serdar MUHAMMETNUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Bedeniň funksional ýagdaýyny dikeltmekde ippoterapiýanyň ähmiýeti

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeler «Saglyk» döwlet maksatnamasyna laýyklykda alnyp barylýar. Lukmançylyk ylmynda alnyp barylýan işler adamyň saglygyny dikeltmäge, berkitmäge, keselleriň öňüni almaga gönükdirilýär. Lukmançylyk reabilitasiýanyň umumy esaslarynda näsaglaryň saglygyny dikeltmek tapgyrynda ippoterapiýa (grekçe: hippo-at) hem uly orun tutýar. Gippokrat, Abu Ali Ibn Sina ýaly alymlar hem bejergide at münmegiň peýdalydygyny belläpdirler. 1971-nji ýylda filosof Deni Didro «Fiziki maşklaryň arasynda at üstünde gezelenç etmäk ilkinji orunda durýar, onuň kömegi bilen köp keseli bejermek mümkin» diýip ýazypdyr.

Ippoterapiýanyň biomehaniki täsiri näsagda täze hereket reflekslериň döremegine, deňagramlylygy saklamak ukybynyň artmagyna, hereketleriň ugrukdyrylmagynyň ösmegine getirýär. Bu hereketler myşsa toparlaryň ýygrylmagyna we gowşamagyna getirip, olar adamyň atyň üstünde ýykylman saklanmagyny üpjün edýär. At münmek adamyň ruhuny göterýär, döredijilik ukybyny, duýgularyny ösdürip, keselden saplanmagyna ýardam berýär.

**Jahan ILAMANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň fakultet terapiýasy kafedrasynyň assistenti.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 30-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116416
Belgisi: 22/1640
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Çip döretmäge maýa goýar.** Hytaýyň «Xiaomi» kompaniýasy geljek 10 ýylda ykjam gurluşlar üçin hususy mikroçipleri işläp taýýarlamaga 50 milliard ýuan (6,9 milliard dollar) maýa goýar. Bu barada kompaniýanyň esaslandyryjysy Leý Szýun «Weibo» sosial ulgamynda habar berdi.



**«Ferrari» täze ulagyny görkezer.** «Ferrari» täze sport awtoulagyny – «Ferrari Amalfi» çykarmaga taýynlanýar. Resmi tanyşdyryş çäresini iýul aýynda guramak meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda awtoulag synagdan geçirilýär. Mundan başga-da, kompaniýa oktýabr aýynda ilkinji elektroulagyny hödürläp, ony 2026-njy ýylda çykarmakçy.




**Kosmosda syrly gurluş tapyldy.** Günbatar Sidneý uniwersitetiniň alymlary ASKAP radioteleskopy arkaly Akmaýanyň ýolunda özboluşly şar şekilli gurluşy ýüze çykardylar. Teleos diýlip atlandyrylan obýekt adatdan daşary simmetrikligi bilen tapawutlanýar. Alymlar obýektiň tebigatyna takyk düşünmek üçin goşmaça barlaglaryň zerurdygyny belleýärler.



**2300 ýyllyk ýüzük.** Ierusalimiň iň gadymy ilatly etraby bolan Dawidiň şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işleri mahalynda arheologlar goýy gyzyl gaşly kiçijik altyn ýüzügi tapdylar. Ellinizm döwrüne degişli bu tapyndy, takmynan, 2300 ýyl ozal, Aleksandr Makedonskiniň sebite aralaşan döwründe ýasalypdyr.



**Adany gaýtaryp bermekçi.** Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Kir Starmer Hindi ummanyndaky Çagos arhipelagyny Mawrikä gaýtaryp bermegi göz öňünde tutýan ylalaşyga gol çekdi. 1968-nji ýylda garaşsyzlygyny alan Mawrikiý Respublikasy, şondan bäri 7 adadan ybarat arhipelagyny yzyna almak üçin tagalla edip gelýärdi.



**Dinozawrlaryň süňkleri tapyldy.** Kanadanyň Alberta sebitinde paleontologlar pahirinozawrlaryň 8 müňden gowrak süňküni tapdylar. Bu dinozawrlar adatça, uly göwresi bilen tapawutlanýar. Tapyndy 72 million ýyl mundan öň tutuş bir dinozawr sürüsiniň heläk bolandygyny görkezýär diýip, «Interesting Engineering» habar berýär.



**Penni indi zikgelenmez.** ABŞ-da 200 ýyldan gowrak wagt bäri dolanyşykda bolan 1 sentlik şaýylyk (penni) peýdasyzdygy sebäpli zikgelemegi bes ediler. Bu barada ýurduň maliýe ministrligi mälim etdi. 1792-nji ýylda ABŞ-nyň zikgehanasy esaslandyrylandan soň, penni ilkinji çykarylan şaýylyklaryň biri bolupdy.



**Ilkinji «Disneyland» gurlar.** «The Walt Disney Company» Abu-Dabide tematik seýilgäh-dynç alyş merkezini gurmagy meýilleşdirýär. Täze dynç alyş merkezi «Disney»-iň Ýakyn Gündogardaky ilkinji taslamasy bolar. Täze dynç alyş merkezi meşhur güýmenje we dynç alyş nokady hökmünde tanalýan Ýas adasynda ýerleşer.




**3D printerde gurlan beýik diň.** Şweýsariýanyň Alp daglaryndaky Mulengs obasynda 3D printeri arkaly diň guruldy. Onuň beýikligi 30 metre deň. Bu 3D çap tehnologiýasynyň kömegi bilen gurlan dünýädäki iň beýik binadyr. Bu taslama Şweýsariýanyň Sýurih tehniki mekdebi bilen bilelikde Origen gaznasy tarapyndan amala aşyryldy.



**BYD «Tesla»-dan öňe geçdi.** Şu ýylyň aprel aýynda Hytaýyň BYD kompaniýasy Ýewropada elektroulag satmakda ilkinji gezek «Tesla»-dan öňe geçdi. Şeýlelikde, Hytaý aprel aýynda Ýewropada 7 müň 231 elektroulag satdy, bu bir ýyl ozalkydan 169% köpdür. Geçen aý «Tesla»-nyň satuwy 49% pese gaçypdyr.



# Hyzmatdaşlyk şertnamalaryna gol çekildi

25-nji maýda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron Günorta-Gündogar Aziýa saparyny Wýetnamdan başlady. Makronyň Wýetnama amala aşyran sapary wagtynda iki ýurduň arasynda strategik hyzmatdaşlyk boýunça 14 resminama gol çekildi. Gol çekilen şertnamalar goranmak, arhiw, oba hojalygy, ulag, aerokosmos senagaty, ylym, tehnologiýa, lukmançylyk we ýadro energiýasy ýaly köp sanly pudagy öz içine alýar.

Wýetnamyň Ylym we tehnologiýa akademiýasynyň, Fransiýanyň Milli kosmos barlaglary merkeziniň we «Airbus Defence & Space» kompaniýasynyň arasynda Ýere gözegçilik hemralaryny ýerleşdirmegi öz içine alýan aerokosmos pudagyndaky hyzmatdaşlyk barada ylalaşyga gol çekildi.

Şeýle hem gol çekilen resminamalaryň arasynda Wýetnamyň «Vietjet» awiakompaniýasy bilen «Airbus»-yň arasynda 20 sany «A330-900» uçarlaryny satyn almak barada şertnama hem-de Ninthuan welaýatynda guraklyga, eroziýa we suw joşmalaryna garşy taslamalara karz pul serişdelerini bermek barada ylalaşyklar bar. Wýetnam soňky ýyllarda Parižе has-da ýakynlaşdy. Geçen ýylyň oktýabr aýynda Wýetnam Fransiýa bilen hyzmatdaşlygyny strategik derejä çykardy.



28-nji maýda Prezident Makron Indoneziýa saparyna başlady. Jakartada ony kärdeşi Prabowo Subianto garşy aldy. Gepleşikleriň esasy ugurlary söwda we harby hyzmatdaşlygy öz içine aldy. Makronyň indiki sapary Singapura bolup, ol ýerde Aziýanyň howpsuzlyk meseleleri boýunça maslahata gatnaşar.

# ASEAN-yň SAMMITI GEÇIRILDI

26-njy maýda Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň assosiasiýasynyň (ASEAN) 46-njy sammiti geçirildi. Gün tertibinde sebitara integrasiýany güýçlendirmek hem-de ykdysady çökgünlige garşy durmak ýaly meselelere garaldy.

Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibragim umumy mejlisiň açylyş dabarasynda eden çykyşynda ASEAN-yň agzalaryny üýtgäp duran global dünýä tertibinde ýüze çykýan kynçylyklary çözmek hem-de durnukly we adalatly ösüşden daşlaşmazlyk üçin tagallalary birikdirmäge çagyrdy.

– ASEAN-yň parahatçylygy, durnuklylygy we gülläp ösmegi köplenç söwdanyň, maýa goýumlarynyň we adamlaryň erkin hereketine daýanýan halkara düzgünlerine baglydyr – diýip, Anwar Ibragim belledi. Şeýle hem A.Ibragim guramany sebitiň iň uly ykdysady hyzmatdaşy bolan Hytaý we Pars aýlagy döwletleriniň hyzmatdaşlygy geňeşi (PADHG) bilen ýakynlaşdyrýan ilkinji ASEAN-PADHG-Hytaý sammitiniň ähmiýetini belläp, dostlukly hyzmatdaşlar bilen özara aragatnaşyklary berkitmegiň möhümdigini aýtdy. Sammitiň dowamynda Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary birleşigine (ASEAN) agza ýurtlaryň ýolbaşçylary «ASEAN 2045: umumy geljegimiz» atly Kuala-Lumpur jarnamasyna gol çekdiler. Bu birleşigiň geljek 20 ýyldaky ösüşini kesgitleýän esasy resminamadyr.




ASEAN-yň şu ýylky başlygy Malaýziýa bolup, ASEAN-yň sammitini we oňa degişli maslahatlary geçirýär. 1967-nji ýylda döredilen bu guramanyň düzümine Bruneý, Kamboja, Indoneziýa, Laos, Malaýziýa, Mýanma, Filippinler, Singapur, Tailand we Wýetnam ýaly ýurtlar girýär.

# Daniel Noboa kasam kabul etdi

**24-nji maýda Ekwadorda ikinji möhlete saýlanan Prezident Daniel Noboa kasam kabul edip, wezipesine girişdi. Onuň bilen birlikde täze wise-prezident Mariýa Hose Pinto hem kasam kabul etdi. Bu dabara Perunyň Prezidenti Dina Boluarte we onuň kolumbiýaly kärdeşi Gustawo Petro gatnaşdy.**

**13-nji aprelde Ekwadorda Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçirildi. Saýlawlardan soň, ýurduň Milli saýlaw geňeşi häzirki döwlet Baştutany Daniel Noboany ýeňiji diýip yglan etdi. Sesleriň 99,47 göterimi sanalandan soň saýlawçylaryň 55,60 göterimi Noboa, 44,40 göterimi bolsa, bäsdeşi Luisa Gonsalese ses berdi.**

**Şu ýylyň 9-njy fewralynda geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry deňme-deň ýagdaýda tamamlanypdy. Şonda ýurduň Prezidenti Noboa Luisa Gonsales bilen bäsleşipdi. Milli saýlaw geňeşi muny «tehniki deňlik» diýip atlandyrypdy. Ýeňiş gazanmak üçin döwlet Baştutany wezipesine dalaşgär sesleriň absolýut köplügini ýa-da azyndan 40 göterimini almaly. Ýöne 40% ses bilen ýeňiji bolmak üçin bäsdeşiňden, azyndan, 10% öňe geçmeli.**



**Ekwadoryň iň baý işewürlerinden biriniň ogly Noboa 2023-nji ýylyň oktýabr aýynda geçirilen möhletinden öňki Prezident saýlawlarynda ilkinji gezek saýlanypdy. Häzirki wagtda Noboanyň ýerine ýetirmeli işleriniň arasynda iň möhümi howpsuzlyk, ykdysady dikeldiş we sosial meseleler bolup durýar.**

# Nikuşor Dan wezipesine girişdi

**Rumyniýada geçirilen Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanan Nikuşor Dan kasam kabul edip, wezipesine girişdi. Indi ol Premýer-ministri bellemeli. Buharestiň öňki häkimi 26-njy maýda geçirilen kasam kabul ediş dabarasynda giňişleýin özgertmeleriň zerurdygyny aýdyp, bilim, saglygy goraýyş, adalat we ykdysadyýet ýaly pudaklary gowulandyrmagy wada berdi. Dan parlamenti we jemgyýeti Rumyniýanyň ösüşlerine işjeň gatnaşmaga çagyrdy.**




**Rumyniýada ikinji synanyşykdan soň Prezident saýlandy, 2024-nji ýylyň noýabr aýynda geçirilen ilkinji saýlawlaryň netijesi konstitusiýa kazyýeti tarapyndan ýatyryldy. 18-nji maýda tamamlanan ses berişlik, çaklamalara ters gelmedi. Dan bäsdeşi Jorje Simiondan 7 göterimden artyk ses alyp, ýeňiş gazandy.**



# PENSIÝA ÝAŞY ÝOKARLANDYRYLAR

**Daniýanyň bir palataly parlamenti «Folketing» pensiýa ýaşyny tapgyrlaýyn ýokarlandyrmak baradaky kanun taslamasyny tassyklady. 2040-njy ýyla çenli pensiýa ýaşy 70 ýaşa ýetiriler. Bu karar 1970-nji ýylyň 31-nji dekabryndan soň doglanlara degişlidir. Häzirki wagtda Daniýada pensiýa ýaşy 67 ýaş, 2030-njy ýylda 68, 2035-nji ýylda 69, 2040-njy ýylda bolsa 70 ýaş bolar.**

**2006-njy ýyldan bäri ýurtda pensiýa ýaşyny ömrüň dowamlylygy bilen baglanyşdyrýan ulgam hereket edýär. Bu ulgama görä, eger adamlar uzak ýaşaýan bolsa, pensiýa çykmagyň ýaşy her bäş ýyldan bir ýyl ýokarlanýar. Bu başlangyjy «Folketing»-iň agzalarynyň 81-si goldady, 21-si bolsa, garşy ses berdi.**

**2022-nji ýylda hökümet komissiýasy bu düzgüne gaýtadan seretmegi teklip etdi. Ol ömür dowamlylygy bilen pensiýa ýaşynyň arasyndaky baglanyşygy gowşatmagy göz öňünde tutdy. Hünärmenleriň pikiriçe, bu býujetiň durnuklylygyny saklamaga we pensiýa çykmagyň şertlerini aşa kynlaşdyrmagyň öňüni almaga kömek eder.**

**Bu özgerişligi goldaýanlar, ony üýtgeýän demografik ýagdaýa uýgunlaşmagyň zerurlygyny öňe sürýärler.**

# Täze ösüş bankyna goşuldy

Alžir BRICS-iň Täze ösüş bankyna (TÖB) resmi taýdan goşuldy. Bu barada bankyň başlygy Dilma Rusef mälim etdi. «Alžir bu bankyň dünýäniň maliýe arenasyndaky ornuny berkitmäge goşant goşar» diýip, Rusef belledi. Şeýle hem Rusef ýurduň diňe bir Demirgazyk Afrikanyň ykdysadyýetinde däl, eýsem, dünýä derejesinde-de möhüm orun eýeleýändigini belledi.

Onuň sözlerine görä, bank Alžir bilen maýa goýum pudagynda hem hyzmatdaşlyga taýyn. «Biz Alžir bilen bilelikde ösüşe, has gowy durmuşa goşant goşýan täsirli taslamalary maliýeleşdirmek üçin işläris» diýip, Rusef belledi.

Alžiriň hökümeti öz gezeginde ýurduň BRICS bankyna goşulmagynyň «hyzmatdaşlyk we özara goldaw üçin geljegi uly mümkinçilikleri döretjekdigini» mälim etdi we Täze ösüş bankynyň global ösüşi maliýeleşdirmekde möhüm ähmiýete eýe boljakdygyna ynam bildirdi.

Täze ösüş banky, BRICS ýurtlary tarapyndan 2014-nji ýylyň iýul aýynda Fortalezada geçirilen birleşigiň 6-njy sammitinde gol çekilen hökümetara şertnamanyň esasynda döredildi.

Häzirki wagtda Täze ösüş bankyna Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy, Bangladeş, BAE, Müsür we Alžir girýär. Bankyň esasy maksady BRICS ýurtlarynda we ösýän ýurtlarda infrastruktura taslamalaryny, şeýle hem durnukly ösüş başlangyçlaryny maliýeleşdirmekden ybarat.



# EMELI AŇ HÜNÄRLERE TÄSIR EDER

**Emeli aňyň we awtomatlaşdyrmagyň ösüşi hünärleriň 40 göterimine täsirini ýetirip biler. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň (UNCTAD) soňky hasabatynda mälim edilýär.**

**Bilermenleriň aýtmagyna görä, 2033-nji ýylda emeli aňyň bazar bahasy 4,8 trillion amerikan dollaryna ýeter. Bu ýagdaý bolsa tehnologiýa önümçiliginiň we sanly özgerişlikleriň ýokarlanmagyna sebäp bolar.**

**Şeýle-de BMG-niň hünärmenleri dünýä ýurtlarynyň tehnologiýa taýdan ösüşindäki tapawuda ünsi çekýär. Mysal üçin, emeli aň ulgamyndaky ylmy-barlaglara hem-de işläp düzmelere ähli umumy çykdajylaryň 40 göterimi, esasan, ABŞ-dan we Hytaýdan bolan 100 kompaniýada jemlenendir. «Apple», «Nvidia» we «Microsoft» ýaly tehnologik ägirtler tutuş Afrika yklymynyň jemi içerki önümine deň bolan bazar kapitalizasiýasyna eýe bolmak bilen, ýurtlaryň arasyndaky tehnologik boşlugy has-da ulaldyp bilerler. Bilermenler emele gelen ýagdaý bilen baglylykda, emeli aň üçin hukuk kadalarynyň işlenip düzülmegine ösýän ýurtlaryň gatnaşmagynyň möhümdigini belleýärler.**




## TARYHDA ŞU GÜN

**1631-nji ýylyň 30-njy maýynda ilkinji fransuz gazeti «La Gazette» neşir edilýär. Bu gazet häzirki zaman ülňülerine doly laýyk gelýän ilkinji Ýewropa gazetidir. Gazet Monpelýedäki lukmançylyk okuw mekdebini tamamlan Teofrast Renodo tarapyndan esaslandyrylýar.**


GAZETTE
Du 8. Aoust 1693.

# ULAG DAŞAÝAN GÄMI SUWA GOÝBERILDI

**Hytaýyň «BYD Auto» kompaniýasy özüniň ýük flotuny täze, sany boýunça eýýäm ýedinji uly gämisi bilen giňeltdi. «Guangzhou Shipyard International Company Limited» (GSI) zawodynda gurlan gämi 7 müňe çenli awtoulagy daşamaga ukyply diýip, «CnEVPost» neşiri habar berýär.**

**Täze gäminiň ady mälim edilmeýär, ýöne onuň tehniki aýratynlyklary şu ýylyň başynda ulanyşa girizilen «BYD Hefei» gämisine meňzeşdir. Gäminiň uzynlygy 199,9 metr, ini 38 metr, suwa batyş derejesi bolsa 9 metrdir. Gämi adaty gämi ýangyjynda ýa-da suwuklandyrylan tebigy gazda işleýän goşa ýangyçly hereketlendiriji ulgam bilen enjamlaşdyrylan. Gäminiň iň ýokary tizligi sagatda 34,3 kilometre ýetýär.**

**Soňky ýyllar BYD kompaniýasy awtoulag eksportynyň artmagy bilen, öz flotuny ösdürip başlady. Kompaniýa bir ýarym ýylyň dowamynda awtoulag daşamaga niýetlenen 6 sany gämi gurdy. Olaryň ilkinjisi bolan «Explorer No. 1» 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda, altynjysy «BYD Xi'an» bolsa şu ýylyň aprel aýynda suwa goýberildi. Flotdaky iň iri gämiler bolan «Shenzhen» we «Changsha» 9 müň 200-e golaý awtoulagy daşap bilýär. BYD sekizinji gämisini 2026-njy ýylyň başynda ulanyşa girizmegi meýilleşdirýär.**

**BYD özüniň ýük flotunyň giňeldilmegi bilen bir hatarda Ýewropada önümçiligini ösdürmek ugrunda işleýär. Häzirki wagtda Wengriýada we Türkiýede iki awtoulag zawody gurulýar. Hytaýyň ýene-de bir awtoulag gurnama kärhanasy Germaniýada açylyp bilner.**



# ÝEWROPANYŇ ÖZÜNE ÇEKIJI KIÇIJIK ŞÄHERI

Lýublýana diýlende Merkezi Ýewropanyň özüne çekiji, kiçijik şäheri göz öňüňe gelýär. Aňyrsy-bärsi görnüp duran bu şäher dünýäniň meşhur şäherleri ýaly syýahatçylara birnäçe garaşylmadyk wakalary hödürleýär. Sloweniýanyň paýtagty Lýublýana Alp daglary bilen Adriatika deňziniň aralygynda ýerleşýär. Bu şäher Ýewropa Bileleşiginde tokaýyň tutýan meýdany boýunça üçünji orunda durýar. Lýublýananyň ýerüsti meýdanynyň 66 göterimini tokaýlar tutýar. Şäheriň tutýan meýdany 163,8 inedördül metr bolup, 285 müň ilaty bar.

Şäher Lýublýanisa derýasynyň sag we çep kenarlaryna uzalyp gidýär. Derýanyň boýunda hatara düzülen kafeler, restoranlar we owadan köprüler bar. Bu ýerden uly depäniň üstüne çykyp, Lýublýana galasyny synlap bolýar. Bellemeli zatlaryň biri, Lýublýana gelýän myhmanlaryň şäherde azaşmak aladasynyň bolmazlygydyr. Sebäbi bu ýerde ýollar derýa bilen ugurdaş gurlupdyr. Galyberse-de, şäheriň her burçunda nämäniň haýsy tarapdadygyny görkezýän ýazgylar bar.

Kiçijik şähere gelýän syýahatçylaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Lýublýananyň täsin tebigaty we arassa howasy jahankeşdeleriň göwnüni göterip, şähere şadyýanlykda gezelenç etmäge mümkinçilik berýär. Gezelenç derýanyň kenarynda ýöremekden başlanýar. Isleg bildirýänler üçin derýada gaýykly gatnaw hem bar. Preseren meýdanyndaky gülgüne ybadathananyň ýanyna ýeteniňde şäheriň nyşanlarynyň biri bolan üç köprä gözüň düşýär. «Triple Bridge» (üç köpri) 1800-nji we 1930-njy ýylda meşhur binagär Ýože Pleçnik tarapyndan gurlan meşhur pyýada köprüsidir. Indiki barmaly ýer şäheriň döwrebap merkezi bolan Mestni meýdançasydyr. Meýdançada wenesiýaly binagär Françesko Robba tarapyndan esasy nyşanlaryň biri bolan Üç Karniola çüwdürimi gurlupdyr. Meýdançadan ýokarlygyna daşly köçelerden ýöräp, şäher galasyna barylýar. Galada taryhy binalar bilen bir hatarda, döwrebap jaýlary, restoranlary we dükanlary görmek bolýar. Lýublýanada gadymy binalaryň köpdügine garamazdan, ýaş şäherleriň biri hasaplanýar. Sebäbi bu şäherde 50 müň talyp bilim alýar.

Syýahatyň indiki duralgasy şäheriň nyşany bolan aždarha heýkelleri bilen bezelen Dragon köprüsidir. Lýublýanisanyň üstünde gurlan bu köpri duşmana haýbat atmagyň manysy hökmünde bina edilipdir. Şähere aýlanyp ýörkäň, simlerden asylan köne aýakgaplary görmek bolýar. Munuň uniwersiteti tamamlan talyplaryň däbidigine her kim geň galýar. Gijelerine şäheriň şatlyk-şowhuny has-da artýar. Köçelerde aýdym-saz çykyşlaryny, tanslary we sungat eserleriniň sergilerini synlamak bolýar. Şäherde hemmeler birek-biregi tanaýan ýaly dostlukly gatnaşykda özlerini alyp barýarlar. Şäher kiçi bolansoň, ýolda duş gelen adamlaryňy günüň dowamynda üç-dört gezek görmek bolýar. Wenesiýa, Zagreb we Wena ýaly şäherlerden birnäçe sagat uzaklykda ýerleşýän Lýublýana tebigy gözelliklere beslenen syýahat edilmeli şäherleriň biridir.





# Dünýäniň iň uly taryhy muzeýi



Giza piramidalarynyň ýanynda gurlan Uly Müsür muzeýi dünýädäki iň uly arheologik muzeý hasaplanýar. Gurluşygyna 2005-nji ýylda başlanan bu muzeý 3-nji iýulda resmi taýdan açylar. Tutýan meýdany 500 müň inedördül metre, ýagny 70 futbol meýdançasyna barabar bolan bu toplum Müsür siwilizasiýasyna bagyşlanan gymmatlyklaryň jemlenen ýeridir.

Gips we aýna bilen gurşalan toplumyň girelge binasy dürli ululykdaky piramida meňzeş reňkli üçburçluklar bilen bezelipdir. Kassa bilen esasy binanyň aralygyndaky uly meýdança kiçijik şaglawuklary, çeşmeleri we piramida görnüşli daşlary bilen täsin görnüşi emele getirýär. Binanyň beýikligi Giza piramidasy bilen deň bolup, myhmanlar üçin esasy girelge Nil jülgesinde ýerleşýär.

Uly Müsür muzeýiniň taslamasy irland binagäri Roisin Heneghan we ýoldaşy Şih-Fu Peng tarapyndan işlenip taýýarlandy. Toplumyň galereýasy 3 esasy döwre – jemgyýetçilik, patyşalyk we dini ynançlar ýaly aýratynlyklara görä bölümlere bölünýär.

Ägirt uly muzeýde Müsüriň müňlerçe ýyllyk gadymy taryhyny we medeniýetini görkezýän köp sanly gymmatly eserler bar. Muzeýiň iň täsir galdyryjy bölümleriniň biri ýaş faraon Tutanhamona degişli esbaplar ýygyndysy bolar. Bu ýygyndyda faraonyň meşhur altyn maskasy, söweş arabalary we gurallary, şaý-sepler hem-de egin-eşikler bolar. Uly Müsür muzeýinde Tutanhamona degişli ähli galyndylar bir bölümde jemlener.

Muzeýiň girelgesindäki 11 metr beýiklikdäki Ramses II äpet heýkeli hem toplumyň täsirliligini artdyrýar. Mundan başgada, Uly Müsür muzeýindäki pişik görnüşinde şekillendirilen Bastet taňrysynyň bürünçden ýasalan heýkelleri, Giza gazuw-agtaryş işlerinde tapylan zatlar we daşdan ýasalan sarkofag heýkeller hem muzeýiň esasy eserleridir.

# NÄME ÜÇIN TÜRGENLER BANANY KÖP IÝÝÄRLER?

**Sport zallaryna ýa-da türgenleşik meýdançalaryna baranyňyzda yzygiderli maşk edýän türgenleriň banany köp iýýändigini gören bolsaňyz gerek. Sport bilen meşgullanýan islendik adamdan «Haýsy miwe has peýdaly?» diýip soranyňda, elbetde, «banan» diýip jogap berýär. Eýsem, bananyň beýleki miwelerden nähili aýratynlygy barka?! Türgenleşikden soň banan iýmek türgenleriň arasynda dörän däpmi ýa-da hakykatdanam wajypmy?! Geliň, türgenleşikden soň banan iýmegiň aýratynlyklaryny öwreneliň!**

Hünärmenleriň bellemegine görä, bäbeklerden başlap, uly ýaşly adamlara çenli hökman iýilmegi maslahat berilýän miweleriň biri banan hasaplanýar. Düzüminde A, C, B6 witaminleri, belok, süýüm, uglewod hem-de kaliý, marganes, magniý ýaly minerallary saklaýan sary miwe türgenler üçin hem wajypdyr. Banan ýokary hilli uglewod çeşmesi bolup, türgenleşik wagtynda myşsalaryň esasy energiýa çeşmesi bolan glýukoza bilen üpjün edýär.

Orta ölçegdäki bananda 105 kaloriýa bolup, 27 gram uglewod, 3 gram süýüm, 1,3 gram belok we az mukdarda ýag saklanýar. Şeýle hem bir bananda 422 milligram kaliý we beden üçin zerur bolan B6 witamininiň 25 göterimi saklanýar. Bananyň düzümindäki kaliý türgenleşigiň dowamynda myşsalaryň gysylmagynyň öňüni alýar. Şeýle hem zeper ýeten myşsalary bejermäge ýardam edýär. Adamy uzak wagtlap dok saklaýandygy sebäpli, türgenlere her gün 3 banan iýmek maslahat berilýär.

Köpler banany türgenleşikden öň iýmek zerur diýip düşünýär. Emma bu pikir ýalňyş bolup, banany türgenleşikden soň iýmek maşklarda sarp edilen energiýanyň öwezini çaltlyk bilen dolmaga we indiki maşklara taýýarlykly bolmaga ýardam edýär. Umuman, sary miwäniň maşklardan öň we soň iýilýändigiňe garamazdan, bu miwe türgenleşigiň netijeliligini ýokarlandyrmaga kömek edýär.



## BANAN BARADA

Süýjümtik tagamly sary miwäniň ata Watany Günorta-Gündogar Aziýa, Malaýziýanyň jeňňellikleri hasaplanýar. Häzirki wagtda Indoneziýada, Filippinlerde, Afrikanyň käbir sebitinde ýabany bananyň tokaýlyklary bar. Banan önümçiliginde Hindistan, Hytaý, Indoneziýa, Braziliýa, Ekwador we Filippinler ýaly ýurtlar öňdeligi eýeleýär. Her ýyl dünýäde 140 million tonna banan sarp edilýär. 5-6 topbak bolup, biri-birine birleşip duran banan baldagy bilen bilelikde ýolunýar. Göklügine ýolnup, kagyz gutulara ýerleşdirilýän bu miwe birnäçe hepdäniň dowamynda saralyp bişýär. Banan näçe garaldygyça ýokumlylygy şonça-da güýçlenýär. Süýji keseli we ýokary gan basyşy bolan adamlara banan iýmek maslahat berilmeýär.

## ÇAGALAR

**Boýy we göwresiniň uzynlygy 3 metrden gowrak bolan bongolaryň agramy 400 kilograma çenli ýetýär.**

# Geçimi ýa-da keýik?!

Afrika yklymy beýleki sebitlerde duş gelmeýän täsin jandarlary bilen syýahatçylaryň we tebigaty söýüjileriň ünsüni özüne çekýär. Şeýle täsin jandarlaryň biri hem bongo hasaplanýar. Afrikanyň sawannalarynda we gyrymsy agaçly tokaýlarynda ýaşaýan bu endemik jandar göräýmäge antilopa meňzeýär.

Bongonyň ylmy ady «tragelaphus eurycerus» bolup, bu jandara başgaça «tokaý antilopasy» hem diýilýär. Ak çyzyklary bolan bu jandary 1837-nji ýylda ilkinji gezek irlandiýaly tebigaty öwreniji William Ogilby öwrenýär we köpçülige mälim edýär. «Tragelaphus» grekçeden emele gelen söz bolup, «geçikeýik» diýen manyny aňladýar. Sebäbi bu jandaryň kellesi geçä, göwresi bolsa keýige meňzeýär. «Eurycerus» sözi bolsa, «giň, ýaýraň şah» diýen manyny berýär. «Bongo» sözüniň Gabonyň kele dilinden gelip çykandygy çaklanylýar. 1861-nji ýyldan soň «bongo» sözi iňlis dilinde-de ulanylyp başlanýar.

Goňrumtyl-gyzyl tüýli, garamtyl tegmilleri we ak-sary zolaklary bolan bu jandaryň uzyndan dik şahy bar. Bongonyň beýleki jandarlardan tapawutly aýratynlygy bedeninde zebranyňky ýaly ak çyzyklaryň bolmagydyr. Bu jandarlaryň göwresiniň iki gapdalyndan 10-15 sany dik ak çyzyk geçýär. Şeýle hem oňurgasynyň üstünden guýrugyna çenli ak tüýli gerşi bar. Bongonyň döşünde awtoulaglaryň logosyna meňzeş ak tegmil bar. Bu jandaryň ýüz örtügi täsin bolup, gözüniň üsti we tumşugy garamtyl reňkde, «ýaňagy» bolsa sargylt bolýar.





Bongolar öz aralarynda iki kiçi topara bölünýär. Bu jandarlaryň birinji topary (günbatar bongo) baýyrlyklarda we jülgelerde ýaşaýar. Ikinji topary (gündogar bongo) bolsa diňe Keniýanyň Aberder daglarynda duş gelýär. Gündogar bongo günbatar bongodan has uly we agramy agyr bolýar. Boýy we göwresiniň uzynlygy 3 metrden gowrak bolan bu jandarlaryň agramy 400 kilograma çenli ýetýär. Bongolar 19 ýyla çenli ýaşaýar.

Bongolar 5-50 töweregi aralygynda süri bolup ýaşaýarlar. Uzyn dilli bu jandarlaryň esasy iýmiti agaçlaryň ter ýapragy, gülli baldajyklar bolup, arasynda tikenli otlar, däneli ösümlikler bilen hem iýmitlenýärler. Adatça, bongolar agaçlaryň şahasyny dili bilen çekip, goparyp alýarlar we soňra ýapraklaryny iýýärler. Bongolaryň iň howply duşmany afrika itleri hasaplanýar. Ýabany itleriň bongolara köp zyýan bermegi netijesinde ak çyzykly jandarlaryň sany ýyl-ýyldan azalýar. Häzirki wagtda bu jandarlaryň sany 28 müňden geçmeýär. Bongo Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan sanawa girizilen ýitip gitmek howpy abanýan süýdemdirijileriň biridir.

# TEBIGATYŇ «ŞADYÝAN MÖJEJIGI»

Tebigatyň özüne çekiji mör-möjekleriniň biri hem kekene bolsa gerek. Ganatynyň üsti menek-menek bu möjejikler tokaýlarda we ekin meýdanlarynda köp duş gelýär. 2 ýyla çenli ýaşaýan kekeneler ýere gaçan ýapraklaryň, daşlaryň we agaçlaryň gabygynyň arasynda gizlenip, gyş ukusyna gidýärler. Enaýyja möjejikler kemala gelmek üçin 4 basganç agy (ýumurtgalamak, liçinka, gurçuk we uçmaga taýýar bolmak) başdan geçirýärler.



Kekenäniň iki jübüt ganaty bar. Ýokarky ganatlar galkan şekilinde bolup, uçmaga niýetlenen per şekilli ganatlar onuň aşagynda gizlenýär. Tomzaga meňzeş bu möjejik beýleki mör-möjeklerden gizlin ganatlary bilen tapawutlanýar. Kekeneler ys almak üçin murtjagazyny we aýagyny ulanýar. Daş-töweregi aýdyň görüp bilmeýän bu möjejigiň diňe ýagtylyk bilen garaňkylygy tapawutlandyryp bilýän gözi bar. 6 aýakly bu möjejigiň ýaşyna görä 6-dan 20-ä çenli gara nokatlary bolýar. Kekenäniň käbiriniň ganatynyň üstünde garamtyl menekleri bar bolsa, beýleki görnüşlerinde hiç hili tegmiller ýok.

Kekeneler şire, ekinlere we miweli agaçlara zyýan berýän şireje hem-de gurçuk şekilli mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. Bir kekene her gün 50 töweregi şireje iýýär. Ekerançylaryň we bagbanlaryň iň ýakyn dosty hasaplanýan kekeneleriň käbir görnüşi gawun-garpyz, hyýar ýaly ösümlikleriň ýapragyndaky maddalar bilen hem iýmitlenýär.

Dünýäde kekenäniň 5 müňden gowrak görnüşi duş gelýär. Biziň görýän gyzgylt ganatly, garamtyl menekli kekenämizden başga-da, ganaty sary, goňur, gara, gülgün, mämişi reňkli kekene, möýe meňzeş kekene ýaly dürli görnüşleri bar. Diňe Demirgazyk Amerikanyň özünde kekenäniň 450 görnüşi ýaşaýar. Kekene käbir halkyň medeniýetinde şowlulyk we bagt getiriji möjejik hasaplanýar. Şol sebäpli köpler eline ýa-da üstüne gonan kekenäni arzuwlaryny aýdyp, gaýtadan uçuryp goýberýärler.




# Pyrlawaç ýasap bilýäňizmi?!

**Welosiped sürmek, top oýnamak ýa-da satyn alnan oýnawaçlara güýmenmek belli wagtdan soňra ýadadyp biler. Emma öz eliň bilen ýasan oýnawajyň has gyzykly hem-de gadyrly bolýar. Tomusky dynç alyş günlerinde irdenin ýa-da agşamara howanyň salkyn çagy pyrlawaç uçuryp oýnamak hem gyzykly bolar. Eýsem, siz kagyzdan pyrlawaç ýasap bilýäňizmi?!**



Ilki bilen, ähli tarapy deň kagyz almaly. Eger kagyz gönüburç bolsa, gaýçynyň hem-de çyzgyjyň kömegi bilen dörtburç edip kesmeli. Pyrlawaç ýasamak üçin reňkli kagyzy, ýazylan ýa-da adaty görnüşdäki islendik kagyzy hem ulanyp bilersiňiz. Kagyzy suratdaky ýaly atanaklaýyn çyzyp, ortasynda we dört burçunda berkidiljek ýerleri bellemeli. Çyzyk bilen görkezilen ýerleri kesmeli we dört burçunda bellenen nokatlary ortaky nokadyň üstüne getirip ýelimlemeli. Emele gelen periň ortasyndan telpeklije çüý ýa-da bir tarapy halkaly iňňe ötürmeli. Soňra pyrlawajy taýajyga berkitmeli. Öz eliňiz bilen kagyzdan ýasan oýnawajyňyz ylganyňyzda ýa-da welosipediňize dakyp süreniňizde, şemalyň täsirine pyrlanyp başlar. Mähriban çagalar, pyrlawaç bilen wagtyňyzy şadyýan geçiriň!



Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



Gyzykly pursat



# 78-nji KANN FILM FESTIWALY TAMAMLANDY

**Dünýäniň iň abraýly film festiwallarynyň hatarynda görkezilýän Kann kino şüweleňi tamamlandy. 78-nji gezek geçirilen festiwal 11 günläp dowam etdi. Fransiýaly meşhur aktrisa Žuliett Binoşyň ýolbaşçylyk eden eminler topary baş baýraga – «Altyn palma» (Palme d'Or) baýragyna eýranly režissýor Jafar Panahiniň «Ýönekeý bir tötänlik» filmini laýyk gördi. Ussat režissýor baýragy oskarly aktrisa Keýt Blanşettiň elinden aldy. Şunlukda, Kann film festiwalynda 2-nji gezek eýran kinosy baş baýragy eýeledi. Mundan öň 1997-nji ýylda belli režissýor Abbas Kiorastaminiň «Üljäniň tagamy» filmi baş baýragy ýapon kinosy bilen paýlaşypdy.**

### 3 uly baýragy gazanan 4-nji režissýor

Jafar Panahi uly 3 festiwalda baş baýragy alan 4-nji režissýor boldy. Panahiniň «Halka» filmi 2000-nji ýylda Wenesiýada «Altyn ýolbars», «Taksi» filmi-de 2015-nji ýylda Berlinde «Altyn aýy» baýraklaryny gazanypdy. Panahiden öň fransiýaly Anri-Žorž Kloze, italiýaly Miçelanželo Antonioni hem-de amerikaly Robert Altman dünýäniň iň uly 3 film festiwalynda baş baýragy eýeläpdi.

Jafar Panahiniň başga filmleri-de Kann kino festiwalynda beýleki baýraklary hem gazanypdy. 1995-nji ýylda «Ak şar» filmi «Altyn kamera» baýragyna, 2003-nji ýylda «Çym-gyzyl altyn» filmi «Başgaça garaýyş» bölüminde Eminleriň baýragyna, 2018-nji ýylda «3 sany ýüz» filmi-de iň gowy ssenariý baýragyna laýyk görlüpdi.

### «Neon» studiýasynyň öňdengörüjiligi

Festiwaldan öň filmiň Demirgazyk Amerikadaky kinoteatrlara paýlamak hukugyny «Neon» studiýasynyň almagy aýratyn bellärliklidir. Şunlukda, Kann film festiwalynda 2019-njy ýyldan bäri «Altyn palma» gazanan filmleriň ählisiniň hem Demirgazyk Amerikada paýlamak hukugynyň «Neon» studiýasyna degişli bolmagy bellenmäge mynasypdyr. Şol filmleriň 2-siniň Oskar gazanandygyny hem belläliň.











78-nji Kann film festiwalynda «Gran Pri» baýragy norwegiýaly meşhur režissýor Ýoakim Trieriň «Duýguçyllygyň gymmaty» atly komediýa-drama görnüşli kinosyna berildi.

Eminleriň ýörite baýragyny 2 film paýlaşdy. Fransiýaly režissýor Oliwer Laşeniň «Sirat» hem-de germaniýaly Maşa Şilinskiniň «Ýykylmagyň sesi» filmleri Eminleriň ýörite baýragy bilen sylaglandy.

Iň gowy režissýor baýragyna braziliýaly belli hünärmen Kleber Mendonsa Filio laýyk görüldi. Ol Braziliýanyň 1970-nji ýyllary barada söhbet açýan «Syrly aňtawçy» kinosy bilen bu hormata mynasyp boldy. Filmde baş keşbi janlandyrýan Wagner Moura bolsa iň gowy aktýor baýragy bilen sylaglandy.

Iň gowy aktrisa baýragyny «Körpe gyzy» filmindäki keşbi üçin Nadia Melliti eýeledi. Iň gowy ssenariý baýragy-da «Ýaş ejeler» filmi üçin belgiýaly režissýor doganlar Žan-Pier we Luk Dardenlere berildi.

Festiwalyň dowamynda Robert De Niro, Denzel Waşington hormat baýragy bilen sylaglandy.

«Başgaça garaýyş» bölüminiň çäginde baş baýraga çilili režissýor Diego Sespedesiň «Gyzyl injikleriň syrly bakyşy» filmi laýyk görüldi. Kolumbiýaly režissýor Simon Mesa Sotonyň «Şahyr» atly ekran eseri Eminleriň baýragy bilen sylaglandy.

Yrakly režissýor Hasan Hadiniň «Başlygyň süýjülik torty» atly filmi-de «Altyn kamera» baýragynyň ýeňijisi boldy.

**Festiwalyň esasy ugurlarynyň ýeňijileri:**
**«Altyn palma» baýragy:** «Ýönekeý bir tötänlik» (Yek tasadof-e sadeh) – Jafar Panahi
**«Gran Pri» baýragy:** «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) – Ýoakim Trier
**Eminleriň ýörite baýragy:** «Ýykylyşyň sesi» (In die Sonne schauen) – Maşa Şilinski, «Sirat» (Sirat) – Oliwer Laşe
**Iň gowy režissýor:** Kleber Mendonsa Filio – «Syrly aňtawçy» (O Agente Secreto)
**Iň gowy aktrisa:** Nadia Melliti – «Körpe gyzy» (La petite derniere)
**Iň gowy aktýor:** Wagner Moura – «Syrly aňtawçy» (O Agente Secreto)
**Iň gowy ssenariý:** «Ýaş ejeler» (Jeunes meres) – Žan-Pier we Luk Dardenler
**«Gran Pri» ýörite baýragy:** «Täzeden direliş» (Kuangye Shidai) – Bi Gan

# Garaşylýan filmleriň görkeziljek wagty soňa süýşürildi

Kino muşdaklarynyň sabyrsyzlyk bilen garaşýan «Avengers» filmleriniň täze 2 kinosynyň görkeziljek wagty soňa süýşürildi. «Marvel Studios»-yň taryhyndaky iň uly taslamalaryň ikisi bolan bu filmleriň önümçiliginiň bökdençsiz dowam etmegi üçin şeýle karara gelnendigi mälim edildi. «Marvel»-iň birnäçe hyýaly gahrymanyny özünde jemleýän bu 2 filmiň birinjisi «Avengers: Doomsday» ozal 2026-njy ýylyň 1-nji maýynda ekranlara çykmalydy. Ýöne täze tertipde film 2026-njy ýylyň 18-nji dekabrynda prokatlara ýaýradylar. Ikinji film «Avengers: Secret Wars» bolsa 2027-nji ýylyň 7-nji maýynda däl-de, şol ýylyň 17-nji dekabrynda ekranlara goýberiler. Filmleriň dekabr aýyna geçirilmeginiň ýene bir sebäbi hem şol aýda görkezilýän iri taslamalaryň prokatdan has köp girdeji gazanmagy bolup durýar. Iki filme-de doganlar Antoni we Jou Russolar režissýorlyk edip, olar «Avengers» filmleriniň mundan öňki 2 esasy kinosyny hem surata düşüripdiler.




# «Harry Potter» serialynyň ýaş artistleri belli boldy

Iňlis ýazyjysy J.K.Rowlingiň belli «Harry Potter» eserler toplumy esasynda serialynyň surata düşüriljekdigi ozal habar berlipdi. «Warner Bros.» studiýasynyň önümi boljak we HBO-da görkeziljek serialda baş keşpleri janlandyrjak ýaşajyk artistler belli boldy. Şoňa görä, Dominik MakLaflin Harri Potteriň, Arabella Stanton Hermoni Greýnjeriň, Alasteýr Stout bolsa Ron Wizliniň keşbinde surata düşer. Mälim bolşy ýaly, filmde Daniel Redkliff, Emma Watson, Rupert Grint dagy bu keşpleri ýerine ýetiripdi. Bu serial ýokarda ady agzalan ýaşajyk artistleriň ilkinji aktýorçylyk synagy bolar. Serial jemi 7 möwsümden (her kitap bir möwsüm) ybarat bolup, 10 ýylyň dowamynda HBO-da görkeziler. Serialyň görkezilip başlanjak wagty häzirlikçe anyk bolman, onuň 2026-njy ýylyň ahyrlarynda ýa-da 2027-nji ýylyň başlarynda ekranlara çykarylmagyna garaşylýar.



# Täze filmler

**Ady:** «Ballerina» (Ballerina); **Režissýory:** Len Waýzman; **Keşplerde:** Ana de Armas, Anjelika Hýuston, Gabriel Birn, Lans Reddik, Norman Ridus, Iýn MakŞeýn, Keanu Riwes; **Ssenariçi:** Şeý Hatten (Derek Kolstadyň eseri esasynda); **Prodýuseri:** Basil Iwanyk, Erika Li, Çad Stahelski; **Kompozitory:** Taýler Beýts, Joel J. Riçard; **Öndüriji:** «Summit Entertainment», «Thunder Road Films», «87North Productions»; **Paýlaýjy:** «Lionsgate»; **Dowamlylygy:** 125 minut; **Görnüşi:** uruşly, triller; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 80–90 million $.




Meşhur françaýza öwrülen «Jon Wik» filmleriniň «spin-off» (ýanama) ekran eseri «Ballerina» kinosy ekranlara çykar. Filme Len Waýzman režissýorlyk edip, ol «Ýerasty dünýäsi» (Underworld, 2003), «Ýerasty dünýäsi: öwrülişik» (Underworld: Evolution, 2006), «Hemmeleri ýatlamak» (Total Recall, 2012) filmleri bilen adygan hünärmendir. Filmde baş keşbi asly Kubadan ispaniýaly meşhur aktrisa Ana de Armas janlandyrýar. Oňa Anjelika Hýuston, Gabriel Birn, Lans Reddik, Iýn MakŞeýn hem-de Jon Wikiň keşbinde Keanu Riwes dagy ýoldaşlyk edýär. Agramly bölegi Pragada, şol sanda Budapeştde surata düşürilen ekran eseriniň dowamlylygy 125 minuta deňdir. Filmiň ssenarisi 3-4-nji «Jon Wik» kinolarynyň edebi esasyna goşant goşan Şeý Hattene degişlidir.

Filmde «Jon Wik 3» hem-de «Jon Wik 4» kinolarynyň arasynda bolup geçen wakalar dogrusynda gürrüň berilýär. Ewa Makarro, ýagny Ballerina lakamly zenan kakasynyň aryny almak üçin göreşýär. Ýöne ol munuň üçin ilki köp türgenleşmeli bolýar...

**Ady:** «Karateçi çaga: rowaýatylar» (Karate Kid: Legends); **Režissýory:** Jonatan Entwisl; **Ssenariçi:** Rob Liber (Robert Mark Kameniň «The Karate Kid» eseri esasynda); **Prodýuseri:** Karen Rosenfelt; **Keşplerde:** Jeki Çan, Ralf Makkio, Ben Wan, Joşua Jekson, Sadi Stenli, Ming-Na Ben; **Kompozitory:** Dominik Lýuwis; **Öndüriji:** «Columbia Pictures», «Sunswept Entertainment»; **Paýlaýjy:** «Sony Pictures Releasing»; **Dowamlylygy:** 94 minut; **Görnüşi:** uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.




1980-nji ýyllardan gözbaş alyp gaýdýan «Karateçi çaga» filmleriniň altynjysy şu günden başlap, kinoteatrlara goýberiler. Jonatan Entwisliň režissýorlygyndaky filmde uruşly kinolaryň meşhur ýyldyzy, söweş sungatynyň ussady Jeki Çan, şol sanda Ralf Makkio, Ben Wan, Joşua Jekson ýaly artistler surata düşdi. «Columbia Pictures»-iň önümi bolan ekran eseriniň surata düşüriliş işleri Kanadanyň Monreal şäherinde alnyp baryldy. Ralf Makkio ilkinji 3 filmde, Jeki Çan bolsa 5-nji hem-de soňky kinoda surata düşdi.

Filmde Li Fon atly oglanjygyň söweş sungatynyň inçe tilsimlerini öwrenişi we oňa halypalyk edýän 2 ussadyň başdan geçirmesi barada söhbet açylýar.



## 33-nji KROSSWORD

**Şasüleýman GURBANSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



## 34-nji KROSSWORD

**KESELIGINE:** **1.** Oturymly ilatly ýer. **3.** Saçak, supra. **8.** Özüňden uly erkek dogan. **10.** Ependiniň ... taýagy. **11.** Rus konditer önümi. **12.** Ýüp işmek, tow bermek üçin ulanylýan gural. **13.** Äpet, uly. **14.** Hazyna. **15.** Bir ugurda ýerleşýän. **18.** Beýik Seljukly döwletiniň ikinji soltany Alp ... **20.** Tropik miwe. **22.** Matanyň bir görnüşi. **25.** Gezekleşigi görkezýän baglaýjy kömekçi. **26.** «Kilobaýt» maglumat mukdarynyň gysga aňladylyşy. **29.** Kiçijik üsti açyk fransuz buterbrodlary. **30.** Pugta, berk. **31.** Tämiz, päk. **32.** «Xiaomi» korporasiýasynyň ulanýan nyşany. **34.** Kümüş himiki elementiň gysga aňladylyşy. **36.** Aziýada bir döwlet. **38.** Genetik taýdan tapawutly görnüşlerden geçmek arkaly alnan organizm. **40.** Oglan ady. **41.** Oturmak üçin agaçdan, demirden we ş.m. ýasalýan enjam. **44.** Parahat, rahat. **46.** Grek elipbiýiniň üçünji harpy. **47.** Kärhananyň ýa-da guramanyň nagt pullarynyň saklanýan ýeri. **49.** Oglan ady. **50.** Peýdasyna. **51.** Mähriban ynsan. **52.** Halys irmek. **53.** Doňan suw.

**DIKLIGINE:** **2.** Bilde döreýän agyry. **3.** Oglan ady. **4.** Zenanlaryň saçyna çözülip dargamazlygy üçin goşup örýän bagy. **5.** At esbaby. **6.** Arassaçylygy saklamaýan, arymsy bolmadyk. **7.** Nähoş, syrkaw. **9.** Gezip ýören gezende, derwüş (köne söz). **15.** Bugdaý önümi. **16.** Studiýa çyralary üçin kiçi ykjam goşundy. **17.** Soltan, patyşa. **19.** Obýektleriň ýerleşişini olardan şöhlelenýän tolkunlar bilen kesgitlemek. **21.** Ýarym Aý görnüşli uzyn saply palta. **22.** Çenli, deňiç. **23.** «... ekine ýokardan, gök ekine akardan» (nakyl). **24.** «Asman» sözi iňlis dilinde. **25.** Bolmaly derejesinden az. **27.** Dürli agaçlar, ösümlikler ekilen ýer. **28.** «... tutan barmagyny ýalar» (nakyl). **33.** Ýüplük egrilýän ýönekeý gural. **34.** ...-namys. **35.** Portugaliýanyň paýtagty. **37.** Nepalyň paýtagty. **39.** Nota. **40.** Dok däl, zat iýmedik. **42.** Çak bilen, çen bilen. **43.** Hemişe, elmydama. **45.** Guýrugy ak, çypar reňkli at. **46.** Çylgam-çylgam ýuka baldakly, gumda gögerýän köpýyllyk ösümlik. **48.** Hindi zenan lybasy.

### 32-nji krosswordyň jogaby:



### 17-nji skanwordyň jogaby:



**Gurban ÇARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Ylym we bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynyň Tagtabazar etrap Geňeşiniň başlygy.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# UEFA-nyň 5 ýaryşynda ýeňiş gazanan ilkinji topar – «Çelsi»

**UEFA-nyň 3-nji derejeli klub ýaryşy, täze bäsleşigi bolan Konferensiýa Ligasynda garaşylyşy ýaly «Çelsi» topary çempionlyk gazandy. Londonlylar Polşanyň Wroslaw şäheriniň adybir stadionynda oýnalan finalda Ispaniýanyň «Betis» toparyny uly hasap bilen 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.**



Bosniýa we Gersegowinadan Irfan Pelitonyň jürlewük çalan oýnuna tomaşa etmek üçin 39 müň 754 janköýer stadiona ýygnandy. Çekeleşikli geçen duşuşyga ispanlar erjel başlady. Eýýäm 9-njy minutda Ebde Ezzalzuli ispaniýaly Iskonyň asist etmeginde hasaby açdy. Umumylykda 1-nji ýarymda oýnuň jylawy «Betis» toparynda boldy. Ýöne duşuşygyň 2-nji ýarymy başgaça ýagdaýda geçdi. 65-nji minutda Koul Palmeriň pasyndan soň Enzo Fernandes hasaby deňledi. Bu goldan 5 minut soň ýene-de Palmeriň ajaýyp asisti bilen Nikolas Jekson «Çelsini» öňe çykardy. Şondan soň azda-kände arkaýynlaşan «Çelsi» topary garşylyklaýyn hüjümler bilen oýnady. «Betis» topary bolsa goragy ünsden düşürip, hüjüme ýykgyn etdi. Iňlisler bu pursatdan peýdalanyp, 83-nji minutda ýene bir gol geçirdi. Bu owadan goly oýna soň giren Jeýdon Sanço öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň 90+1-nji minutynda bolsa Moises Kaisedo tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, «Çelsi» topary 4–1 hasabynda üstün çykyp, ilkinji gezek UEFA Konferensiýa Ligasynyň kubogyny gazandy.







### Finalda utulan ilkinji ispan topary

Bu duşuşyga çenli 2001/02 möwsüminden bäri ispan klublary UEFA-nyň ýaryşlarynda oýnan finallarynyň ählisinde ýeňiş gazanypdy. Şol döwürde 23 finalda ispan klublary ýeňilmändi. «Çelsi» 2001-nji ýyldan bäri finalda ispan toparyny ýeňen ispan bolmadyk ilkinji klub hökmünde hasaba alyndy. Soňky gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda 2001-nji ýylda «Bawariýa» hem-de «Liwerpul» finalda ispan klublaryny ýeňen ispan bolmadyk toparlar diýlip bellenilipdi. «Bawariýa» UÇL-de «Walensiýany», «Liwerpul» UEFA Kubogynda «Alawesi» utupdy.

### 5 ýaryşda-da ýeňiji boldy we 9-njy kubogy

«Çelsi» topary UEFA-nyň iri ýaryşlarynyň ählisinde – Çempionlar Ligasynda, Ýewropa Ligasynda, Konferensiýa Ligasynda, UEFA Super Kubogy duşuşygynda hem-de ozalky Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda çempionlyk gazanan ilkinji we häzirlikçe ýeke-täk topar boldy.

Bu ýeňiş «Çelsiniň» UEFA-nyň ýaryşlaryndaky 9-njy kubogy bolup, 2012-nji we 2021-nji ýyllarda UEFA Çempionlar Ligasynda, 2013-nji we 2019-njy ýyllarda UEFA Ýewropa Ligasynda, 1971-nji we 1998-nji ýyllarda ozalky Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda ýeňiji bolup, 1998-nji we 2021-nji ýyllarda-da UEFA Super Kubogyny gazanypdy.

### Ýene bir London kluby

Şu möwsümde UEFA Ýewropa Ligasyndan soň («Tottenham»), Konferensiýa Ligasynda-da («Çelsi») London şäheriniň başga bir kluby hem ýeňiji boldy. Şeýle-de, Konferensiýa Ligasynda 1 ýyldan soň kubok ýene-de London şäherine gaýdyp geldi. Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýylda Londonyň «West Ham» topary çempionlyk gazanypdy.

### Şägirt halypadan ozdurdy

«Çelsi» klubuna ýene bir ýola italýan tälimçileri kubok gazandyryp, Enzo Mareska finalçy «Betisiň» tälimçisi Manuel Pellegrininiň hem şägirdi, hem-de kömekçisi bolupdy. Pellegrini «Malaga» toparyna tälim berende, çilli hünärmen italýaly futbolçyny transfer edipdi. Şol sanda Pellegrini «West Hamy» türgenleşdiren döwürlerinde Mareska onuň ýardam beriji tälimçileriniň biri bolupdy.

Çempion hökmünde «Çelsi» topary 7 million ýewro bilen sylaglansa, finalçy «Betise» 4 million ýewro berler. Şeýle-de, Koul Palmer duşuşygyň iň ökde oýunçysy saýlandy.

UEFA Konferensiýa Ligasy 4-nji gezek geçirilip, 2021/22 möwsüminde «Roma» – «Feýenoordy» 1–0, 2022/23 möwsüminde «West Ham» – «Fiorentinany» 2–1, 2023/24 möwsüminde «Olimpiakos» – «Fiorentinany» goşmaça wagtda 1–0 hasaplar bilen ýeňipdi. Bu ýaryşda ilkinji gezek italýan topary finalda çykyş etmedi.



**BETIS:** Adrian – Sabali, Bartra, Natan, Rikardo Rodriges (Perro 46) – Fornals (Altimira 85), Isko, Kardoso (Lo Çelso 85) – Antoni, Bakambu (Aitor Ruibal 72), Ezzalzuli (Hesus Rodriges 53); Tälimçi: Manuel Pellegrini

**ÇELSI:** Ýorgensen – Gusto (Jeýms 46), Çaloba, Badiaşile (Kolwill 61), Kukurelýa – Kaisedo, Enzo Fernandes – Madueke, Palmer (Gui 87), Pedro Neto (Sanço 61) – Jekson (Dýuwsburi-Holl 80); Tälimçi: Enzo Mareska

**GOLLAR:** Ezzalzuli 9 – Fernandes 65, Jekson 70, Sanço 83, Kaisedo 90+1

# «Real Madrid» täze tälimçisini resmi ýagdaýda mälim etdi

Möwsümi kuboksyz tamamlan «Real Madridiň» tälimçisi resmi ýagdaýda mälim edildi. Ispan kluby italýaly Karlo Ançelottiniň ornuna Habi Alonsonyň tälimçilige bellenendigini habar berdi. Madridliler 43 ýaşyndaky Habi Alonso bilen 3 ýyllyk, ýagny 2028-nji ýylyň tomsuna çenli ylalaşyk gazandy.




2018-nji ýylda «Real Madridiň» ýaşlar düzümini türgenleşdiren Habi Alonso 2019-2022-nji ýyllar aralygynda «Real Sosiedad B» toparyna tälim berdi. 2022-nji ýylyň oktýabr aýynda «Baýeriň» tälimçisi bolan Alonso 2023/24 möwsüminde lewerkuzenlilere taryhynda ilkinji gezek çempionlyk gazandyrdy. «Baýeri» ýeňlişsiz çempion eden Alonso bu klubda 140 oýunda 88 ýeňiş gazandy, 33 gezek deňme-deň netije görkezdi (19 ýeňliş).

Alonso futbolçylygy döwründe «Real Sosiedad», «Eibar», «Liwerpul», «Real Madrid» hem-de «Bawariýa» klublarynyň köýnekçesini geýdi. Ol tälimçilik etjek täze klubunda 5 möwsüm çykyş edip, «La Liganyň» hem-de Çempionlar Ligasynyň çempionlygyny gazandy.

### Alonsonyň ornuna Ten Hag wezipä bellendi



Tälimçisi Habi Alonsony «Real Madride» ugradan Germaniýanyň «Baýer» topary täze tälimçisini mälim etdi. Lewerkuzenliler 55 ýaşyndaky niderland tälimçi Erik Ten Hagy wezipä belledi. «Bundesliganyň» wise-çempiony tejribeli tälimçi bilen 2027-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. Tälimçilik karýerasyna «Go Ehed Igls» toparynda başlan Ten Hag «Bawariýa II», «Aýaks» hem-de «Mançester Ýunaýted» klublaryny türgenleşdirdi. «Aýaksy» Niderlandlaryň 3 gezek çempiony eden Ten Hag «Mançester Ýunaýtede» FA Kubogyny, Liga Kubogyny gazandyrdy.

# MONAKODA NORRIS ÝEŇIŞ GAZANDY

Formula 1 boýunça möwsümiň 8-nji ýaryşy Monakonyň paýtagty Monte Karlonyň köçelerinde geçirildi. F1-iň iň esasy «Gran Prisi» hasaplanýan bu ýaryşda ilkinji hatardan bat alan «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris ýeňiji boldy.




Ol 78 aýlawy 1 sagat 40 minut 33,843 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasy boýunça-da 6-njy ýeňişini gazandy. «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ýeňijiden 3,131 sekunt yza galyp, öz janköýerleriniň tomaşa etmeginde bassyr 2-nji ýeňişini gazanyp bilmedi. «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri ýaryşy 3-nji orunda tamamlamagy başardy. 1-nji orunda barýarka 77-nji aýlawda 2-nji «pit-stop»-y üçin toparyň ýörite zolagyna baran «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi, häzirki çempion Maks Werstappen 4-nji bolup ýaryşy tamamlady. Ol başda 1-nji orna geçse-de, ýaryşyň düzgünini berjaý etmek üçin 2-nji «pit-stop»-yny edenden soň, birinjilige dolanyp bilmedi. «Ferrari» toparynyň britan piloty Lýuwis Hamilton ýaryşy 5-nji orunda tamamlady.

Şunlukda, 8-nji ýaryşdan soňam Piastri ornuny saklamagyny dowam edýär. Onuň 161 utugy bar. Topardaşyndan 3 utuk yzda barýan Norris 2-nji, 136 utukly Werstappen 3-nji ýeri eýeleýär.

Möwsümiň 9-njy ýaryşy Barselona-Katalunýa «Gran Prisi» 1-nji iýunda Ispaniýanyň Montmelo şäherinde geçiriler.

### Möwsümdäki ilkinji birinjiligi

Moto GP boýunça möwsümiň 7-nji bäsleşigi Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçirildi. Ýaryşyň 2-nji aýlawynda «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi, sanawyň lideri Mark Markes kiçeňräk hadysany başdan geçirdi we bäsleşik togtadylyp, täzeden başladyldy. «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransuz sürüjisi Fabio Kuartararo täzeden başlanylan ýaryşda öňdäki ornuny saklasa-da, 12-nji aýlawda motosiklinde emele gelen ýagdaýlar sebäpli ýaryşdan çykmaly boldy. Şondan soň 1-nji orna geçen Marko Bezzekki 19 aýlawy 38 minut 16,037 sekuntda tamamlady. Bu onuň şu möwsümdäki ilkinji, karýerasy boýunça-da 4-nji ýeňşidir. «Castrol Honda LCR» toparynyň fransuz sürüjisi Ýohann Zarko ýeňijiden 4,088 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. Ýeňijiden 5,929 sekunt soň pellehana gelen Mark Markes münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.




Sürüjileriň sanawynda doganlar Mark Markes bilen Aleks Markes 1-2-nji orunlary paýlaşýar. Markyň 196, inisi Aleksiň 172 utugy bar. 3-nji orundaky italýaly Françesko Banaia 7 ýaryşda 124 utuk toplady. Möwsümiň 8-nji ýaryşy Ispaniýanyň Alkaniz şäherinde geçiriler.

### 100-nji ýeňşe ýeten 3-nji tennisçi

Tennis boýunça Şweýsariýada geçirilen «Ženewa Açyk ATP 250» ýaryşynda serbiýaly Nowak Jokowiç ýeňiji boldy. Golaýda 38 ýaşyny dolduran Jokowiç finalda polşaly Hubert Hurkaçy 3 setde 5:7, 7:6, 7:6 hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 100-nji ýeňşini gazandy. Jokowiç 100 ýeňşe ýeten 3-nji tennisçi bolup, ondan öň Jimmi Konnors (109) bilen Rojer Federer (103) bar. Şeýle-de, Jokowiç bassyr 20 ýylyň dowamynda azyndan 1 ýaryşda ýeňiji bolan ilkinji tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Tennise degişli ençeme rekordyň eýesi bolan Jokowiç ilkinji çempionlygyny 2006-njy ýylda gazandy. Geçen ýyly 1 ýeňiş bilen tamamlan Jokowiç 2015-nji ýylda 11 bäsleşikde çempion bolmagy başardy. Jokowiç 24 «Uly tuwalga» gazanyp, bu ugurda öňde barýar.



119-njy gezek geçirilen erkekleriň arasyndaky «Hamburg Açyk ATP 500» tennis ýaryşynyň finalynda italýaly Flawio Kobolli bilen russiýaly Andreý Rublew duşuşdy. Duşuşykda 2 setde – 6:2, 6:4 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Kobolli bu ýaryşdaky ilkinji çempionlygyny gazandy. Bu 23 ýaşyndaky tennisçiniň karýerasyndaky 2-nji kubogydyr.

Fransiýanyň Strasburg şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky Halkara «WTA 500» ýaryşynda gazagystanly Ýelena Rybakina ýeňiş gazandy. Ol finalda russiýaly Lýudmila Samsonowany 6:1, 6:7, 6:1 hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 9-njy kubogyny asmana göterdi.

Zenanlaryň arasynda Rabatda geçirilen «Marokko Açyk» tennis ýaryşynda awstraliýaly Maýa Joint çempion bolup, ol finalda rumyniýaly Žaklin Kristiany 6:3, 6:2 hasaplar bilen utdy. Bu 19 ýaşly tennisçiniň karýerasyndaky ilkinji çempionlygydyr.

### Ilkinji finalçy «Oklahoma Siti Tander» topary

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da ilkinji finalçy belli boldy. Günbatar Konferensiýanyň finalynda «Oklahoma Siti Tander» topary «Minnesota Timberwolwesi» 5 duşuşygyň 4-sinde ýeňmegi başardy. 5-nji duşuşykda 30 utuk aratapawudy bilen 124:94 hasabynda ýeňiş gazanan «Oklahoma Siti» umumy hasapda 4-1 öňe saýlandy. 1-nji oýunda 114:88, 2-nji oýunda 118:103 hem-de 4-nji duşuşykda 128:126 hasaplar bilen ýeňiş gazanan «Oklahoma Siti» diňe 3-nji duşuşykda 143:101 hasabynda asgyn geldi. Şunlukda, 13 ýyldan soň 5-nji gezek Günbatar Konfederasiýanyň çempionlygyny gazanan «Oklahoma Siti Tander» NBA-nyň finalyna çykdy. 1979-njy ýylda NBA-nyň çempiony bolan «Oklahoma Siti Tander» 1978-nji, 1996-njy hem-de 2012-nji ýyllarda finalda ýeňildi.



«Oklahoma Siti Tanderiň» finaldaky garşydaşy «Indiana Peýsers» ýa-da «Nýu Ýork Niks» bolar. Häzirki wagtda 4 oýundan soň «Indiana Peýsers» 3:1 hasabynda öňde barýar. «Indiana Peýserse» finala çykmak üçin 1 ýeňiş ýeterlik bolar.

S/B: 102122505475



Gurban baýramy mynasybetli ähli halkymyzy gutlaýarys! Gurbanlyk sadakalaryňyz kabul bolsun!
Gurban baýramy mynasybetli tomusky egin-eşikleriň täze tapgyrynda uly arzanlaşyk dowam edýär.

2025 new collection
ROMANO BOTTA




Biz Size garaşýarys!
Salgymyz: Aşgabat ş. Atamyrat Nyýazow şaýoly, jaý №151 («Merdemlik»), SM «HOŞ WAGT» Tel.: (+993 12) 41 39 51
«Arkaç» söwda-dynç alyş merkezi, 2-nji gat. Tel.: (+993 12) 27 68 03
Ждём Вас у Нас!
Адрес: г. Ашхабад, пр. Атамурата Ниязова, дом №151 («Мердемлик»), ТЦ «HOŞ WAGT» Тел.: (+993 12) 41 39 51
Торгово-развлекательный центр «Аркач», 2-ой этаж. Тел.: (+993 12) 27 68 03
@romano_botta_tm6

ZAMAN TÜRKMENISTAN international media

Abuna – 2025



«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2025-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazete ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

Gazetiň 6 aýlygynyň bahasy 117 manat.